# Sütükli haýwanlaryň ýurduna syýahat ýa-da ýüzýän adadaky başdangeçirmeler (2 bolek)

Category: Romanlar
написано kitapcy | 19 марта, 2025



Žül WERN,
fransuz ýazyjysy

DÖRDÜNJI BAP

Faktoriýa

Bendiçilik köli — altmyş birinji parallelden ýokarda ýerleşýän iň uly kölleriň biridir. Ol iki ýüz elli mile uzalyp gidýärdi,

ini bolsa elli mile barabardy. Özi hem demirgazyk giňişliginiň 61°25′-da we günbatar uzaklygynyň 114°-da ýerleşýärdi. Töweregiň ähli ýeri kölüň duran giň çöketligine eňaşak ýapgyt bolup gidýärdi.

Şereket kölüň diýseň bähbitli ýerleşendigini bada-bat nazara aldy. Onuň daş-töweregi tüýs awçylyk üçin ýaradylan öleňlikler bilen gurşalandy, o mahallar ol ýerdäki sütükli jandarlaryň san-sajagy ýokdy. Köle guýýan derýalaram, ondan çykýan derýalaram kän. Olaryň arasynda Makkenzi, Atabaska we beýleki uly derýalar hem bar. Kölüň kenarlarynda şereket möhüm ähmiýetli fortlaryň birnäçesini gurdy. Olara mysal edip, demirgazykda Prowidens fortuny, günortada Rezolýuşen fortuny görkezmek bolar. Relaýans forty bolsa ol kölüň demirgazyk-gündogar çetinde, Gudzon aýlagynyň suwlaryndan emele gelen uzyn hem insiz Çesterfild aýlagynyň başlanýan ýerinden üç ýüz mil uzaklykda ýerleşýär.

Bendiçilik kölüniň ähli ýeri 100-200 ýüz fut suwuň ýüzüne çykyp duran adajyklardan doly. Olarda ýylçyr granit ( Granit – esasan kwarsdan, meýdan şpatyndan we slýudadan durýan dag jynsy.) we gneýs ( Gneýs – esasan, kwarsdan, meýdan şpatyndan we slýudadan durýan kristal haldaky dag jynsy.) gatlagy kän duşýar. Kölüň demirgazygyndaky baýyrlyk kenarlaryny okgeçmez gür tokaýlyk tutup dur. Ol tokaýlygyň beýleki tarapy ýeke çöp gögermeýän doňy giňişlik bilen serhetleşýär. Ol giňişlige ýöne ýerden «Gargyşly Ýer» diýilmändir. Kölüň günortasynda ýerleşen, topragy, esasan, hek daşyndan durýan giňişlik bolsa tep-tekiz, onda ýekeje belentlik, asla ýekeje depejigem ýok. Amerikanyň polýar sebitleriniň gäwüş çalýan iri jandarlary – gäwmişler ýa-da başgaça aýtsak bizonlar ( Bizonlar – içi boş şahlylar maşgalasyna degişli, ullakan kelleli hem-de uzyn ýumşak ýüňli, süri-süri bolup gezýän demirgazyk amerika ýabany öküzleri.) hiç haçan bu ýerden aňryk geçmeýär. Olaryň eti kanadaly awçylaryň hem-de indeýleriň esasy iýmiti bolup durýar.

Kölüň demirgazyk kenaryny jähekläp oturan tokaýlar diýseň

owadan. Şeýle alys jelegaý, yklymyň demirgazyk çeti – birdenem pajarlap oturan ösümlik dünýäsi! Haýran galaýmaly! Ýöne bu ýerde geň görere zat ýok, çünki Bendiçilik köli Şwesiýada Stokgolmyň ýa-da Norwegiýada Hristianiýanyň ýerleşen giňişliklerinden ýokarda däl. Dogry, temperaturanyň gyradeň ýaýramagyny görkezýän izoterm çyzygynyň ( Izoterm çyzygy – kartalarda ortaça temperaturalary deň bolan ýerleri birleşdirýän çyzyk.) ýer guşaklyklarynyň parallellerine elmydama laýyk gelmeýändigini bellemek gerek. Şonuň üçin hem şol bir giňişlikde howa Amerikada, Ýewropadaka garanyňda has sowuk bolýar. Aprel aýlarynda Nýu-Ýorkuň köçeleri gara basyrylyp oturandyr, ýogsam Nýu-Ýork Azor adalary bilen bir parallelde diýen ýaly ýerleşýär. Munuň sebäbini yklymyň häsiýetli aýratynlyklary, onuň ummanlara görä ýerleşişi, hatda onuň topragynyň düzüminiň hem howa şertlerine üzül-kesil täsir edýänligi bilen düşündirmek mümkin.

Gepiň külesi, tomsuna Relaýans forty bagy-bossana bürenýär, uzaga çekýän gazaply gyşdan soň oňa seredip gözleň heziller edinýär. Tutuşlygyna diýen ýaly derek, sosna, ( Sosna – dim-dik bolup ösýän, iňňepisint ýaprakly, kiçeňräk süýrümtil-tegelek gozaly hemişe gök öwüsýän agaç.) gaýyň ( Berýoza – ak gabykly, ýürek şekilindäki ýapragy hoşboý ysly ýaprakly agaç.) agaçlaryndan durýan bu tokaýlar halk hojalygy üçin gymmatly tagta önümleriniň esasy çeşmesi bolup durýar. Kölüň adajyklarynda owadan leýlisaçlar hellewläp otyr. Tokaýlarda näçe diýseň aw bar, olar ýylyň sowuk pasyllarynda hem bu ýerden gitmeýärler. Bizonlar hem loslar ( Los – sugunlar maşgalasyna degişli gäwüş gaýtarýan iri jandar. Olaryň erkekleriniň ýaýbaň bolup duran şahlary bar.) birneme günortarakda duşýar. Olary hem-de diýseň tagamly eti bolan kanada oklukirpilerini fortuň awçylary aldygyna awlaýardylar. Bendiçilik kölüniň suwlaryndan hem her dürli balyklar tutulýardy. Bu kölüň forel ( Forel – azatmahy maşgalasyna (gyzylbalyklara) degişli bolan gymmatly balyk. Dag derýajyklarynda, çeşmelerde we köllerde gabat gelýär. ) balyklary şeýlebir uludy welin, olaryň agramy, köplenç

halatda, altmyş gadakdan geçýärdi. Çortanlar, horan nalimler, ( Nalim – treskalar maşgalasyna degişli, menek-menek derisi teňňesiz ýyrtyjy balyk.) iňlisleriň «mawy balyk» diýýän, tebigaty öwrenijiler tarapyndan «ak koppery» diýlip atlandyrylýan hariuslaryň ( Harius – azatmahy maşgalasyna degişli süýji suwda ýaşaýan balyk.) üýtgeşik bir görnüşi bolan «tittamegler» süri-süri bolup kölde ýüzýärler. Şeýlelikde, Relaýans fortunyň ýaşaýjylaryna azyk barada alada etmegiň geregi ýokdy, tebigatyň özi olary iýmit bilen üpjün edýärdi, olaryň geýimleri hem tilkileriň, samyrlaryň, aýylaryň we beýleki sütükli jandarlaryň derisinden bolany üçin aýazly howanyň hem hiç hili gorkusy ýokdy.

Fortuň özi iki gatly ýekeje agaç jaýdan durýardy, onda berkitmäniň baştutany we beýleki serkerdeler ýaşaýardy. Ol öýüň töwereginde esgerler üçin jaýlar, şereketiň ammarlary hem-de haryt çalşygy geçirilýän edara jaýlary tertipli hatara düzülip otyrdylar. Kiçeňräk kilise hem-de däri ammary bu jaýlaryň üstüni ýetirýärdi. Dogry, kilisäniň ruhanysy ýokdy. Ullakan parallelogramy emele getirýän gazyklanyp ýere kakylan agaç haýat bu jaýlaryň hemmesiniň daşyna aýlanýardy. Haýatyň dört çüňkünde forty goramak üçin gurlan dört sany kiçeňräk gorganlaryň eşekgeriş üçekleri ýokary galyp durdy. Şunlukda, Relaýans forty duýdansyz çozuşlardan hem ygtybarly goraglydy. Birmahallar indeýleriň şereketi haryt bilen üpjün etmekden geçen, tersine öz garaşsyzlyklary üçin göreşýän döwürlerinde şeýle hüşgärlik zerurdy. Birek-birek bilen bu sütüklere baý ülkä eýe bolmak hem-de ulanmak hukugyny almak ugrunda göreşýän, bäsdeş jemgyýetleriň gullukçylaryndan we esgerlerinden goranmak üçin hem ol gorag binalary möhümdi.

Gudzon aýlagy şereketiniň ähli eýeleýän meýdanynda şol mahallar müň töweregi işgär bardy. Şereketiň öz tabynlygyndaky gullukçylara we esgerlere ygtyýarlyklary çäklendirilmedikdi. Ol öz garamagyndakylary «jan gerekmi pyçak» diýip işledýärdi. Faktoriýalaryň ýolbaşçylary zähmet hakynam, azyk-owkadyň, sütügiň bahasynam özleriçe kesgitleýärdiler. Hiç hili

gözegçilik edilmänsoň, olaryň üç ýüz göterim girdeji gazanýan wagtlary hem az däldi.

«Kapitan Robert Leýdiň syýahatyndan» alnan aşakdaky görkezijiler, biraz soňra şereketiň iň esasy hem-de ezber awçylaryna öwrülen indeýler bilen şol döwürde nähili şertlerde alyş-çalyş söwdasynyň geçirilendigini okyjymyza aýdyň görkezer. O mahallar suwitiniň derisi töleg birligi hökmünde hyzmat edýärdi.

Indeýler öz gerek-ýaraklaryny şeýle nyrh bilen satyn alýardylar:

Tüpeň üçin – 10 suwitiniň derisi;
Ýarym funt däri – 1 deri;
Dört funt ok – 1 deri;
Palta – 1 deri;
Alty sany pyçak – 1 deri;
Aýna önümleriniň bir funty – 1 deri;
Jähekli köýnek – 6 deri;
Jäheksiz köýnek – 5 deri;
Jähekli aýal geýimi – 6 deri;
Bir funt temmäki – 1 deri;
Däri gutusy – 1 deri;
Aýna bilen darak – 2 deri;

Ýöne biraz wagt geçensoň suwitiniň derisi juda gytaldy, şonuň üçin hem ony pul birligi hökmünde ulanyp bolmady. Onuň ýerine bizonyň derisi ulanylyp başlandy. Biziň gürrüň berýän döwrümizde hem bizonyň derisi ähli alyş-çalyşlaryň özenini düzýärdi. Forta haýsydyr bir indeý gelse şereketiň gullukçylary ol näçe bizonyň derisini getiren bolsa şonça agaç şaýylary berýärdiler, ol hem ony duran ýerinde senagat harytlaryna çalşyp bilýärdi. Munuň ýaly söwda-da şereket ummasyz girdeji gazanýardy. Üstesine hem ol satylýan we satyn alynýan harytlaryň bahasyny öz islegine görä kesgitleýärdi.

Ähli faktoriýalar, şol sanda Relaýans forty hem şeýle tertipde

iş alyp barýardy. Missis Barnet, apreliň 16-syna çenli fortda geçiren wagtynda bu düzgüni doly öwrenmäge mümkinçilik aldy. Syýahatçy zenan bilen leýtenant Gobson kän gürrüňdeş bolýardylar. Olar hiç hili päsgelçiligiň öňünde ýöwsellemezligi pugta ýüreklerine düwüp, örän uly wezipeleri öňlerinde goýýardylar. Tomas Blek hakynda aýdanymyzda bolsa, ol diňe özüne ynanylan iş hakynda gürrüň gozgalanda söhbetdeşlige goşulýardy. Onuň bar üntüşigi ýalpyldawuk aý täji bilen aý agyllandaky gyzylymtyk gurşawdady. Olaryň nähili ýüze çykýandygyny bilmäge tutuş ömrüni bagyşlamaga taýyndygy onuň ähli hereketinden bildirip durdy. Missis Barnet hem ony diňläp, ýuwaş-ýuwaşdan bu ylmy mesele bilen içgin gyzyklanyp başlady. Olaryň ikisi hem Polýar aýlawynyň çäginden çaltrak geçmäge gyssanyp, ölüp-öçüp barýardylar. Sabyr-takadyny ýitiren astronoma bolsa 1860-njy ýylyň 18-nji iýuly ömür gelmejege dönüpdi!

Ýola taýýarlyk görmäge mart aýynyň ortalarynda başladylar. Taýýarlyk tamamlanýança tutuş bir aý geçdi. Polýar ülkelerine gitjek toparyň şaýyny tutmak aňsat iş däl, oňa ep-esli wagt gerek! Hemme zady — azyk-suwlugy, geýim-gejimi, gap-çanagy, enjamlary, ýaragy, ok-därini, garaz, hemmesini göz öňünde tutmalydy, hiç zady ýatdan çykarmaly däldi.

Leýtenant Jasper Gobson tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän topar bir serkerdeden, iki sany kiçi serkerdeden hem-de on esgerden ybaratdy. Bu harbylaryň üçüsi öýlenendi, şonuň üçin olaryň gelinleri hem ýanlary bilen gidýärdi. Ine kapitan Krewentiniň iň işeňňir hem edermenleriň arasyndan saýlap alan adamlarynyň sanawy:

1. Leýtenant Jasper Gobson
2. Seržant Long
3. Kapral Jolif
4. Petersen, esger.
5. Belçer
6. Reý
7. Marbr

8. Garri
9. Pond
10. Mak-Nap
11. Sebin
12. Houp, esger
13. Kellet

Olardan başga hem:
Missis Reý
Missis Jolif
Missis Mak-Nap
hem-de üç myhman:
Missis Polina Barnet=
Mej
Tomas Blek
Şu on dokuz adam yns-jynssyz çola hem az öwrenilen ýer bilen birnäçe ýüz mil geçmelidi.

Şereketiň wekilleri Relaýans fortuna topar üçin zerur bolan ähli gerek-ýarak zatlary getirdiler. Ite goşulýan on iki sany sani taýýarlanyldy. Bu sadaja gurlan saniler biri-biri bilen demir zolaklar arkaly mäkäm baglanyşdyrylan birnäçe ýeňiljek agaçlardan edilen nowadan durýardy. Olaryň taýgyçly agaçdan edilen aýlawly öňi, buzda typýan türgenleriň konkileriniň burny ýaly ýokarlygyna egrelýärdi, şol sebäpli hem sani gara çümmän, üstünden taýyp gidýärdi. Her sanýa jübüt-jübütden goşulan, akylly hem çakgan alty sany it saniniň hereketlendiriji güýji bolup hyzmat edýärdi. Sürüjiniň uzyn gamçysy bilen gyssalýan bu itler sagatda on bäş mile çenli tizlik bilen olary garyň üstünden süýräp bilýärdiler.

Syýahatçylaryň sugunyň mazaly eýlenen derisinden edilen possunlary bardy. Bu giňişliklere mahsus bolan temperaturanyň duýdansyz üýtgemelerinde dümewlemezlikleri üçin olaryň hemmesiniň ýüňden içki geýimi bardy. Serkerde ýa esger diýmän, aýal-erkekligine garamazdan, olaryň hemmesiniň aýaklarynda, indeýler tarapyndan sungat derejesine ýetirilen ussatlyk bilen taýýarlanan, siňirler bilen tikilen sugun derisinden ädikler

bardy. Ol ädikler çyg geçirmeýärdi, maýyşgak bolansoň ýöremek üçin örän amatlydy. Olaryň aşagyna sosnadan edilen gysgajyk lyžalary ildirmek bolýardy. Ol lyžalar gar näçe ýumşak bolanda hem adamyň agramyna ýaý bermeýärdi hem-de buzuň üstünde konkide ylgaýanlaryňky ýaly tizlikde hereket etmäge mümkinçilik berýärdi. Sütükden edilen telpekler bilen ýumşak gaýyş guşak syýahatçylaryň geýim-gejiminiň üstüni ýetirýärdi.

Ýarag babatynda aýdylanda bolsa, şereket leýtenant Gobsonyň toparyny düzgünnama laýyklykda gysga nilli tüpeňler hem-de ýeterlik dereje-de ok-däri bilen üpjün edipdi. Mundan başga-da toparyň garamagynda sapançalar, şeýle hem döwlet tarapyndan ulanylyşa goýberilýän birnäçe gylyç bardy. Leýtenant Gobson agaç ussaçylygyna gerek bolan gurallaryň ählisini ýanyna aldy, paltadyr byçgylar, rendeler we beýleki gurallaryň hiçisi ýatdan çykarylmady.

Çet demirgazykda faktoriýa gurmak üçin zerur bolan hojalyk enjamlarynyňam hemmesi alyndy. Olaryň arasynda peç, demirçi ussaň körügi, howa bermek üçin iki sany üfleýji nasos hem-de gerek bolan mahaly üfläp çişirilýän rezin gaýygyň üýtgeşik bir görnüşi bardy.

Azyk-owkat meselesinde toparyň esgerlerine bil baglanyldy. Olaryň köpüsi ezber awçydy, bu polýar ülkede bolsa, suguna gytçylyk ýokdy. Indeýleriň birentek taýpalary hem-de eskimoslar çöreksiz beýlekisiz, diňe sugun eti bilen mydar edip bilýärdiler. Sugun bolsa ol ýerde näçe diýseň bardy, onsoňam sugun eti juda tagamlydy. Her niçigem bolsa, bilip bolanok, uzak ýolda her hili ýagdaýlaryň bolmagy ahmal, şonuň üçinem az-owlak azyk hem alyndy. Olar, esasan, kölüň günortasynda esli wagtlap gabaw edilip tutulan bizonlaryň, loslaryň, marallaryň etinden, uzak mahallap dymyljaman durýan «kornbifden», ( Kornbif – duza ýatyrylan sygyr etiniň görnüşi.) şeýle hem indeýleriň usuly boýunça taýýarlanan et tozundan ybaratdy. Bu usul boýunça et tozy taýýarlananda, kakadylan et tä çaňap gidýänçä ýenjilýär, onsoň ol etiň tozlary ýygnalýar, ol birinji bilen-ä, az ýer tutýar,

ikinjidenem, etiň ähli ýokumly häsiýetlerini hem özünde saklaýar. Şunuň ýaly et külkesini, hatda gaýnadyp oturmanyňda-da bolýar, ol çigligine hem juda tagamly hem ýokumly owkat bolýar.

Içgi babatynda bolsa leýtenant Gobson birnäçe çelek şerbet aldy. Ol şerbetleri hem tygşytly tutmak isleýärdi, çünki demirgazyk giňişliklerinde güýçli içgiler adam saglygy üçin zyýanlydy. Oňa derek şereket ýöriş dermanhanajygy bilen birlikde limon şiresiniň ep-esli mukdary, bitin limonlar hem-de gök önümler bilen topary ýeterlik derejede üpjün etdi. Gök önümler çet demirgazyk ülkelerdäki howply garamükür ( Garamükür – başgaça singa, iýmitde witaminleriň ýetmezçilik etmegi netijesinde döreýän kesel bolup, ol umumy gowuşgynsyzlykda, diş etleriniň ýumşamagynda hem-de ganjarmagynda ýüze çykýar.) keseliniň öňüni almak üçin zerurdy.

Düşnükli zat, topar bilen gitmeli adamlar ýörite saýlanyp alyndy, juda semiz ýa-da gaty hor adamlar alynman, diňe köp ýyllaryň dowamynda gazaply howa şertlerine öwrenişen, Buzly ummanyň kenarlaryna syýahatyň ähli kynçylyklaryna döz gelip biljek iň güýçli adamlardan topar düzüldi. Onuň üstesine-de, bu adamlar erjel, batyr hem gaýduwsyz adamlar bolup, olaryň özleri bu syýahata gatnaşmaga isleg bildirdiler. Eger-de ýetmişinji parallelden aňyrda ýerleşmek başardaýsa, olaryň hemmesine amerika yklymynyň aňry çäklerinde bolan ähli döwürleri üçin aýlyk haklaryny iki esse artdyryp bermek bellendi.

Missis Barnet bilen onuň wepaly jorasy Mej üçin beýlekilere görä oňaýly bolan aýratyn sani taýýarlanyldy. Bu batyrgaý zenan öz beýleki ýoldaşlaryndan hiç hili artykmaç zat islemeýändigini aýdyp, bu oňaýlykdan kes-kelläm ýüz dönderdi, ýöne her niçigem bolsa kapitan ony tutanýerlilik bilen bu hormatdan boýun gaçyrmazlyga yrdy. Dogrusy, şeýtmek bilen kapitan diňe şereketiň tabşyrygyny ýerine ýetiripdi. Şonuň üçin hem missis Barnet köpüň islegine boýun bolmaly boldy.

Tomas Bleki bolsa Relaýans fortuna getiren sanisi özüniň az-owlak goşy bilen birlikde syýahatyň ahyrky barmaly ýerine eltmelidi. Astronomyň goş diýip goşam ýokdy, onuň aýy synlamak üçin turba dürbüsi, giňişligi we uzaklygy kesgitlemek üçin sekstan ( Sekstan – deňizçilikde we awiasiýada ulanylýan burç ölçelýän gural.) bilen hronometri, ( Hronometr – astronomiýa, geodeziýa gözegçiliklerinde we deňizçilikde ulanylýan örän takyk ýöreýän sagat.) birnäçe kartasy, iki-üç sany kitaby bardy. Olaryň hemmesi sanýa aňsatlyk bilen ýerleşdi. Tomas Blek ýolda itleriň sanini agdaryp, gymmatly goşlaryny ýere gaçyrmazlyklaryna pugta bil baglaýardy.

Köp sanly sanýa goşulýan itler üçin iýmitiň hem ýatdan çykarylmandygy öz-özünden düşnüklidir. Toparda jemi ýetmiş iki it bardy, bu giden sürüni ýoluň dowamynda naharlamalydy. Bu itler akylly hem çydamlydy. Olary çippeweý indeýlerinden satyn alypdylar, olar bolsa itlerini agyr zähmete werziş edip tälim berýärdiler.

Leýtenant Jasper Gobson tiz wagtdan özüniň kiçijik toparynyň pugta şaýyny tutdy. Onuň öz wezipesine yhlas bilen ýapyşyşyny näçe taryplasaň taryplap oturmalydy. Ol öz üstüne ýüklenen bu jogapkärçilige diýseň buýsanýardy, ony abraý bilen ýerine ýetirmek üçin hiç bir zady unutmazlyga çalyşýardy.

Onsuzam, elmydama başagaý bolup ýören kapral Jolif bolsa nirä ýetişjekdigini bilenokdy, dogry onuň etek alty-ýeň ýedi bolup ýörmeginiň kän bir netijesi hem ýokdy, ýöne onuň ýanynda aýalynyň bolmagy welin, topar üçin gaty bähbitlidi. Missis Barnet Kanadada doglan bu goçak gözleri mähirli, aksowult saçly, paýhasly hem işeňňir aýal bilen diýseň öwrenişdi.

Elbetde, kapitan Krewenti hem şereketiň ynamyny ödemek üçin elinden gelenini etdi. Şereketiň ýokary wezipeli adamlaryndan alan görkezmelerinden, bu toparyň işini üstünlikli amal etmegine hem-de ýetmişinji parallelden demirgazykda täze faktoriýany esaslandyrmagyna nähili ähmiýet berilýändigi görnüp durdy. Bu maksada ýetmek üçin adam ogluna bagly bolan

ähli mümkinçilikleriň doly döredilendigini ynamly aýtsa boljakdy. Indi gaýduwsyz leýtenantyň öňüne tebigatyň özi böwet bolaýmasa, oňa başga hiç hili zowal ýokdy. Ýöne ykbalyň olara nähili synaglary taýýarlaýandygyny bolsa hiç kim bilmeýärdi!

## BÄŞINJI BAP

### Relaýans fortundan Enterpraýz fortuna çenli

Ahyry bahar günleri hem gelip ýetdi. Ilkibaharyň hoştap howasyna baýyrlaryň käýeriniň garlary eredi, geçen ýylky otlar gök salyp başlady. Günortadan gaýdyp gelýän guwlar, teterewler, ( Teterew – towuklara degişli bolan gara perli iri guş.) sakar bürgütler we beýleki göçüp-gonýan guşlar maýlap ugran asmanda peýda boldular. Derekleriň, söwütleriň we gaýyňlaryň ter baldaklary pyntyklap başlady. Garyň eremeginden emele gelen çalpawlyklara Amerikanyň demirgazygynda gaty bol bolan gyzylbaş ördekleriň dürli görnüşleri uçup geldiler. Salkynrak ýer gözleýän çistikler, ( Çistik – çarlaklara ýakyn bolan demirgazyk deňiz guşy.) toporkalar ( Toporka – çistikler toparyna degişli gara-goňur ýelekli, gözleriniň üsti bir çogdam bolup duran uzyn sary perli guş.) hem-de jüptünler demirgazyga ýöneldiler. Ululygy hoz ýaly kiçijik syçana meňzeş zemleroýkalar ( Zemleroýka – mör-möjekleri iýýän süýdemdiriji jandar.) özleriniň gysgajyk guýrujaklary bilen ýeriň ýüzünde täsin yz galdyryp, hinlerinden çykyp başladylar. Kelläňi sämedýän sergin howadan dem almagyň, ýaz paslynyň güneşiniň jana şypa berýän çoguna çoýunmagyň özi hem giden bir lezzetdi! Soňsuz gyşy geçiren tebigat ukudan oýanýardy, janlanýardy, ýylgyrýardy. Megerem, ýazlaryň ýylgyryşy ýeriň hiç künjeginde, demirgazyk ülkeleriňki ýaly duýulmaýan bolsa gerek!

Ýöne heniz gar ymykly eräp başlamandy. Farengeýt termometri kyrk bir gradus noldan ýokaryny görkezýärdi (Selsiýa boýunça +5˚), ýöne agşamlaryna heniz howanyň çigregi bardy, şonuň üçin hem meýdan gara basyrylyp ýatyrdy. Jasper Gobson hem howa gaty maýlaýmanka, sanileriň ýöremegi üçin amatly bolan bu ýagdaýdan

peýdalanmak isledi.

Kölüň üstüniň buzy heniz köljermändi. Geçen aýda fortuň awçylary üstüne ak gary ýapynyp ýatan ümmülmez sähralyklarda görnüp başlan haýwanlary awlamak üçin birnäçe gezek şikara çykdylar. Missis Barnet awçylaryň lyžada ezberlik bilen typyşlaryna haýran galdy. Olar bu «gar aýakgaplaryny» geýensoňlar, ýüzin salyp barýan atyň tizliginde ýüwürýärdiler. Kapitan Krewentiniň maslahaty bilen syýahatçy zenan hem lyžada ýöremäge türgenleşip başlady, az salymdan onuň özem garyň üsti bilen typmaga ökdeledi.

Soňky günler indeýler gyşda aw edip alan sütüklerini dürli senagat önümlerine çalyşmak üçin forta topar-topar bolup gelýärdiler. Ýyl şowsuz bolupdy. Deri kän däldi. Dogry, samyr derisi ep-esli mukdarda alnypdy, ýöne suwitiler, gunduzlar, geçigaplaňlar, gornostaýlar, tilkiler ýok diýen ýalydy. Şereket öz işini heniz adam daramadyk, has demirgazykda ýerleşen täze ýerlerde gurnamak bilen örän paýhasly hereket edýärdi.

16-njy aprelde irden leýtenant Jasper Gobson özüniň kiçijik topary bilen ýola ugramaga taýyn boldy. Bendiçilik köli bilen Polýar aýlawynyň aňyrsyndaky Uly Aýy kölüniň aralygyndan, öňden tanyş ýerler boýunça gitmeklik öňünden bellenipdi. Jasper Gobson, birinji nobatda, Uly Aýy kölüniň demirgazyk kenarynda ýerleşen forta barmalydy. Toparyň ätiýaçlyk gorlarynyň üstüni doldurmak üçin ondan soňky saklanmaly duralgasy hökmünde iki ýüz mil demirgazyk-günbatarda, Sner diýlip atlandyrylýan kiçeňräk kölüň kenarynda gurlan Enterpraýz forty bellenildi. Günde on bäş mil ýol geçmek bilen Jasper Gobson ol ýere maý aýynyň ilkinji günlerinde ýetmegi göz öňünde tutýardy.

Ol ýerden topar gysga ýol bilen Amerika yklymynyň kenarýakasyna çykmalydy, soňra bolsa Baterst burnuna tarap ugur almalydy. Ýene laýyk bir ýyldan kapitan Krewentiniň bu burna azyk-suwluk we dürli enjamlar ýüklenen kerwen

ibermelidigi şertleşildi. Leýtenant bolsa öz gezeginde ol ýere kerweniň öňünden çykmak üçin birnäçe adam ibermelidi. Ol adamlar hem kerweni täze fortuň düýbi tutuljak ýere alyp gelmelidiler. Şeýlelikde, faktoriýanyň geljegi her hili kynçylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmagyndan ätiýaçlandyrylýardy, leýtenantyň hem-de onuň ýoldaşlarynyň, ýagny meýletinlik bilen alys hem çola jelegaýlara gidýän bu adamlaryň, daşky dünýä bilen gowşajyk hem bolsa, garaz, bir arabaglanyşygy üpjün ediljekdi.

16-njy aprelde it goşulan saniler üstlerine münülerine garaşyp, fortuň derwezesiniň agzynda taýyn bolup durdular. Kapitan Krewenti alys ýola ugramaly adamlary ýygnady hem-de olara pata berip, birki agyz täsirli sözler aýtdy. Esasanam, ol öňlerinde gabat geljek kynçylyklary ýeňip geçmek üçin zerur bolan agzybirligi, jebisligi hemişe saklamagy tabşyrdy. Gaýduwsyzlygy we birek-birege wepalylygy talap edýän bu işi üstünlik bilen amala aşyrmak üçin toparyň ýolbaşçysynyň bir diýenini iki gaýtalatmaly däldigini aýratyn nygtady. «Ura» diýlip gygyrylýan sesler onuň sözüniň makullanýandygyny alamatlandyrdy. Ugradýanlar bilen hoşlaşyp, hemmeler özleriniň sanilerine geçip ornaşdylar. Toparyň başyny Jasper Gobson bilen seržant Long çekýärdi. Olaryň yzysüre Polina Barnet bilen hakyky sürüji ýaly ujy bir çogdam kakadylan siňirli eskimos gamçysyny bulaýlaýan Mej gidýärdi. Üçünji sanide Tomas Blek bilen esgerleriň biri, kanadaly Petersen otyrdy. Olaryň yzy bilen üstüne esgerler hem aýallar münen birnäçe sani gidýärdi. Toparyň iň soňky sanisinde bolsa kapral Jolif öz aýaly bilen otyrdy. Jasper Gobsonyň tabşyrygy boýunça her kim mümkin boldugyndan öz ornunda gitmelidi we saniler iň zerur bolan aralygyny saklamalydy. Sanileriň uly tizlikde gitmegi bilen islendik düzgünden çykma sanileriň kakyşmagyna getirip, mojuk ýagdaýy ýüze çykaryp biljekdi.

Relaýans fortundan çykyp Jasper Gobson göni demirgazyk-günbatara ýöneldi. Ýola ugralan ilkinji günde Bendiçilik kölüni Uolmsli köli bilen birikdirýän giň derýany kesip

geçmeli boldy. Ýöne galyň buza örtülen bu derýa özüniň çar ýanyny gurşap duran ümmülmez sähradan birjik-de tapawutlanmaýardy, hatda onuň bardygam bildirenokdy. Ak gardan haly töweregiň ähli ýerini ýapypdy, ýüwrük itleriň çekýän sanileri bolsa gar örtüginiň üstünden haýran galaýmaly tizlik bilen uçup barýardy.

Howa oňatdy, ýöne gaty çigrekdi. Gün gözýetimden sähelçe galyp, asmanyň aşaky gyrasyndan aýlaw edýärdi. Onuň şöhleleri känbir ýylatmasa-da, ak gardan serpigip güýçli ýagtylyk berýärdi. Bolsa-da hiç hili şemal ýokdy, şemal bolmasa nähili aýaz bolanda-da, mydar etse bolýar. Ýöne çalt ýörelensoň howanyň ýelgini leýtenant Gobsonyň polýar howasyna öwrenişmedik ýoldaşlarynyň ýüzüni ýalap, gaty awuşadýardy.

– Häzir-ä hemme zat edil bolsady ekilen ýaly gowy bolup barýar – diýip, Jasper Gobson öz gapdalynda, misli kimdir birini goramaga taýýar bolup duran ýaly, sarsman oturan seržanta ýüzlendi. – Syýahatymyzyň başlanyşy-ha gowy. Asman bize garaşyk edýär, howada oňuşmazça däl, itlerem edil tiz ýöreýän otlular ýaly atylyp barýar, şunuň ýaly howa saklansa biz bu aralygy emgenmän geçeris. Sen nähili pikirde, seržant Long?

– Menem şeýle pikir edýän, leýtenant Gobson – diýip, seržant jogap berdi. Dogrusyny aýtsaň, ol elmydama hem öz ýolbaşçysynyňky ýaly pikir edýärdi.

– Sizem seržant, edil meň ýaly barlaglarymyzyň bähbidi üçin Buzly ummanyň kenaryna çenli gitmäge taýynmy? – diýip, Jasper Gobson sowal bermesini dowam etdi.

– Maňa siz buýruk berdigiňiz boldugy, ýerine ýetirerin.

– Men muny bilýän, seržant – diýip, Jasper Gobson jogap berdi. – Siziň ähli tabşyrygymy ýerine ýetirjekdigiňize gözüm ýetip dur. Ýöne, ynha, biziň adamlarymyzyň hemmesi siziň ýaly, şereketiň bähbitlerine düşünäýseler hem-de özümize ynanylan wezipäni ak ýürekden ýerine ýetirmäge çalyşsalar, zady alada etjek däl! Seržant Long, meniň gözüm ýetip dur, size haýsydyr

bir ýerine ýetirip bolmajak işi buýraýanymda hem…

– Ýerine ýetirip bolmajak buýruk ýokdur.

– Gör-le! Eger-de men size Demirgazyk polýusa ( Ýeriň daşyndan aýlanýan hyýaly okunyň ýeriň ýüzüne çykýan nokady.) barmagy buýraýsam näme?

– Bararyn, leýtenant.

– Bararsyň, ýöne yzyňa dolanyp gelmek hem gerek! – diýip, leýtenant ýylgyryp sözüni dowam etdi.

– Dolanybam gelerin – diýip, seržant Long jogap berdi.

Leýtenant Gobson bilen seržant Longyň arasynda şunuň ýaly gürrüň gidýärkä, missis Barnet bilen Mej hem haýsydyr bir ýapy gabat gelip, sanileriň tizligi peseldigi, pursatdan peýdalanyp bir-birege iki agyz söz gatýardylar. Bu gaýduwsyz zenanlar gunduz sütüginden edilen kaporlaryny ( Kapor – aýallaryň we çagalaryň aşaky etegi alkymyňdan daňylýan başgaby.) gözlerine çenli çümürip, ak aýynyň derisinden edilen galyň içmeklerine dolanyp, demirgazygyň çytawun tebigatyna, gözýetimdäki garly daglaryň suduryna haýran galyp, syn edýärdiler. Bendiçilik kölüniň demirgazyk kenaryndaky ýokary galyp duran, gerişleri egrem-bugram agaçly baýyrlar indi ep-esli yzda galypdy. Gözýetimiň ähli tarapynda birmeňzeş düzlükler ýaýlyp ýatyrdy. Ýokarda uçuşyp ýören az sanly guşlaryň owazy dym-dyrs bolup, doňup ýatan bu uç-gyraksyz sährany birneme janlandyrýardy. Kämahallar demirgazyga uçup barýan guw sürüleri görünýärdi. Olaryň ap-ak perleri ak gar bilen goşulyşyp gidýärdi. Olary diňe ýokardan uçanlarynda gök asmanyň goýnunda görüp bolýardy. Pesräkden uçanda iň ýiti gözüň hem olary saýgaryp biljek gümany ýokdy.

– Gör, nähili täsin ülke! – diýip, missis Barnet seslendi. – Bu polýar ülkesi bilen Awstraliýanyň hemişe gök öwsüp oturan sähralyklarynyň tapawudyny aýtsana! Ýadyňa düşýärmi, mähriban Mej, Karpentariý aýlagynyň kenarynda epgekden nähili

horlanypdyk? Ýekeje bulutsyz dup-dury asmanyň ýakyp-ýandyryp barýan epgegi ýadyňdamy?

— Ýok, gyzym, ýadyma düşenok! — diýip, Mej jogap berdi. — Känbir huşum ýok. Sen başyňdan geçirenleriňi hakydaňda pugta saklaýaň, men bolsa derrew ýadymdan çykarýan.

— Goýaweri, Mej! — diýip, missis Barnet geň galdy. — Sen Hindistanyň ýa-da Awstraliýanyň epgeklerini eýýäm ýadyňdan çykaraýdyňmy? Çölüň içinde bir owurt suwsuz kösenişimiz, Günüň gyzgynynyň etimizden ötüp süňkümize ýeteni, hatda gijäniň hem bize ýazylganlyk bermedigi, çeken horluklarymyz hiç hili ýadyňda galmadymy?

— Ýok, Polina, ýok — diýip, Mej içmege hasam pugta dolanyp, jogap berdi. — Hiç zat ýadyma düşenok. Hany, özüň pikir edip gör, men ol horluklary nädip ýadyma salaýyn? Haýsydyr bir epgegi, teşnelikden ejir çekenimizi, şu mahal daş-töweregimiz doňaklykka, eliňi saniden aşak uzatdygyň goşawujyň gardan dolup durka, nädip ýadyňa saljak! Biz aýyň derisine çolanyp gagşap otyrys, sen bolsa haýsydyr bir ýalyn-epgek hakynda gürrüň berýäň! Sen Günüň ýandyryp barýan çoguny ýatlaýaň, bu ýerde bolsa aprel aýynyň Güni burnumyzyň aşagyndaky gyrawy hem eredip bilenok! Ýok, gyzym, bir ýerlerde yssydygyna meni ynandyrjak bolubam oturma, birmahallar yssylap, eňkimiň aganyna meni ynandyryp bilmersiň, näme diýeňde-de, oňa ynanasym ýok!

Missis Barnet onuň aýdýanlaryna ýylgyrman durup bilmedi hem-de:

— Mej, görgülijigim, sen gaty üşäpsiň öýdýän? — diýip, jorasyndan sorady.

— Hawa-la, gyzym, gaty üşedim, ýöne bu howa maňa ýaranok diýib-ä aýdyp bilmen. Tersine, şeýle howa gaty peýdalymyka diýýän, Amerikanyň bu böleginde özümi gaty gowy duýjakdygyma birjik-de şübhelenemok! Bu ülke diýseň ajaýyp ülke ekeni!

— Hawa, Mej, bu ülke örän ajaýyp, heniz biz onuň täsinliklerini göremzok! Entek bize Buzly ummanyň kenaryna ýetmek nesip etse, hemme ýeri gara büräp, dag ýaly buz harsaňlaryny getirjek gyşyny, polýar syrgynlaryny, demirgazyk şapagynyň ýalkymyny, ýap-ýagty ýyldyzlary petreşip duran asmanyny, alty aýa çekýän gijelerini görsek, ana, şonda sen Biribaryň ýer ýüzüni nähili köpdürli edip ýaradanlygyna düşünersiň!

Bu ülkäni öz oý-hyýalynda janlandyryp, onuň gözelliklerine maýyl bolan missis Barnet şeýlebir gyzygyp gürrüň berýärdi welin, onuň ýanynda bu beýewan ýurduň gazaply howasy hem hiç zat bolup galýardy. Ol tebigatyň haýran galaýmaly gözelliklerinden başga hiç zat hakynda pikir etmegem islänokdy. Syýahatçylyga bolan höwes onuň akyl-paýhasyndan üstün çykýardy. Ol bu doň ülkäniň diňe şahyrana taraplaryny, onuň rowaýatlarda waspy ýetirilen, sagalarda ( Saga — gadymy Skandinawiýa we Irland halklarynyň gahrymançylykly rowaýaty.) ebedileşdirilen ossian ( Ossian — keltleriň meşhur aýdymçy-şahyry, söweşijisi. Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, ol III asyrda ýaşapdyr.) döwrüniň aýdymçy-şahyrlarynyň dilleriniň senasy bolan, howuňy basýan haýbatly kaşaňlygyny görýärdi. Ýöne hemme zada bolşy ýaly garaýan Mej Arktikanyň alys ülkeleriniň howp-hataryna, Demirgazyk polýusyň otuz gradusdan hem pes aňzagynda geçirilmeli gyşda özlerine garaşýan horluklara gözüni ýumup bilmeýärdi.

Bu ýerde, gör, näçe edenli gerçekler, ruhy hem beden horluklaryna, aldajy sowuga döz gelip bilmän, surnugyp ebedi uka gitdiler! Dogry, leýtenant Gobsonyň topary iň ýokarky giňişliklere barmaly däldi. Oňa Parri, Ross, Mak-Klýur, Kin, Morton dagy ýaly polýusa ýetmek hökman däldi. Ýöne Polýar aýlawynyň aňyrsynda howp ýokary giňişlige bardygyňça artanokdy, ol hemme ýerde birmeňzeş diýen ýalydy. Hawa, Jasper Gobson ýetmişinji parallelden ýokary geçmegi göz öňünde tutmaýardy! Bu, dogrudanam, şeýle. Ýöne Franklin bilen onuň bedibagt ýoldaşlarynyň, hatda demirgazyk giňişliginiň altmyş

sekizinji gradusyna ýetmänkä, aldajy sowugyň içinde aç-suwsuz heläk bolandyklaryny hem ýatdan çykarmak bolmaz!

Mister we missis Joliferiň münüp barýan sanilerinde bolsa bu mahal düýbünden başga gürrüň gidýärdi. Ugradylan mahaly kapral birneme artykmajrak alypdyr öýdýän, çünki ol özüniň kiçgineje gelni bilen çekeleşýärdi. Hawa, hawa, ynanar dagy eder ýaly däl, ýöne onda-da bu hakyt şeýledi. Ýogsa ol juda bir üýtgeşik ýagdaý ýüze çykaýmasa gelniniň aýdanyndan çykyp bilýän adam däldi.

— Ýok, missis Jolif, ýok — diýip, ol eňegine tutýardy. — Gorkup oturmaň! Gorkara zat ýok! Sanýa erk etmek poni ( Poni — kiçijik atlaryň tohumy.) atjagazlary goşulan paýtunjagaza erk edenden üýtgeşik däl, haýsydyr bir it goşulan arabajygy sürüp bilmejek bolsam, onda meniň barypýatan işigaýdan boldugym bor-da!

— Seniň zorlugyňa sözüm ýok — diýip, missis Jolif oňa jogap berýärdi. — Ýöne birneme dyzmaçlygyňy goý. Görýäňmi! Sen eýýäm hemmeden ozup öňe geçdiň, eşidýärmiň, leýtenant Gobson öz ýeriňe, iň yza geç diýip gygyrýar!

— Gygyrsa gygyrybersin, gygyrar goýard-a, missis Jolif!

Soňra ol itleri saýgylap, hasam gaty sürdi.

— Jolif, ägä bolaweri! — diýip, aýaly onuň gylawyny köşeşdirmekçi boldy. — Beýle gaty sürme, bu ýeri ýapaşak gidýär!

— Ýapaşak! Şuňa ýapaşak diýýäňizmi, missis Jolif? Bu ýeri ýapaşak däl, gaýtyb-a bärsi ýapyýokary! — diýip, kapral gelnine jogap berdi.

— Ýapaşak diýýän, men saňa!

— Men bolsa bu ýeri ýapyýokary diýýän! Serediň! Itleriň dyzaýşyny görýäňizmi?

Ýöne ol her näme diýse-de, itler dyzanokdy, olar sanini çekenokdylaram. Tersine, bu ýer gaty ýapaşakdy. Sani juda uly tizlik bilen aşaklygyna atylyp barýardy, ol eýýäm itleriň üstüni basaýjak bolýardy. Sani mister we miss Jolifleri gaty silkýärdi. Gar gatlagynyň nätekizliginden döreýän loňkuldylar hasam artdy. Är-aýal ikisi bir saga, birem çepe zyňlyp gidýärdi, birdenem biri-biri bilen süsüşýärdiler, bir görseňem sani olary ýokarlygyna bökdürýärdi. Kapral bolsa aýalynyň maslahatlaryna-da, leýtenant Gobsonyň gykylygyna-da gulak asmak islemeýärdi. Leýtenant munuň ýaly hetdenaşa tizligiň bir belanyň üstünden eltmeginiň ahmaldygyna düşünip, olaryň yzyndan ýetmek üçin öz itlerini gamça basdy, onuň yzyndan galmajak bolup kerwen tutuşlygyna öňbaraga barýan ýaly haýdap ugrady.

Kapral bolsa bu mahal itlerini çapdyryp keýpden çykýardy! Ol bu çapyşyga göçüp, gykuwlaýardy, her hili hereket edip däli-porhan bolýardy, itleri sürmäge ezber sürüji kimin uzyn gamçysyny bulaýlaýardy.

– Bu gamçy gatybir täsin ýaradylan zat, bu – diýip, ol hasam göçýärdi. – Eskimoslara zor diýmeli, olar muňa gezek galsa gaty ökde, olara taý geljek ýok!

– Sen eskimos däl ahyryn! – diýip, aýaly pahyr gygyryp, ony näler saklajak bolýardy, ýöne onuň garadangaýtmaz sürüjisi ýeň bererli däldi.

– Eskimoslar gamçy bilen itiň niresine urasy gelse urup bilýämiş diýýäler, olar bu siňir gamçy bilen itleriniň gulajyklaryny hem çirtip bilýärmişler – diýip, kapral öz gepini gögertmekçi boldy. – Hany, bizem synanyp göreli, şolarça barmykak…

– Ýok, Jolif, synap görme, ýok! – diýip, aýaly allaniçigsi bolup gygyrdy.

– Gorkmasaňyzlaň, missis Jolif, gorkmaň! Men ederini bilmän ýören lellimlerden däl ahyry! Hanha seret, hol sag tarapdaky

bäşinjä, bozgaklyk etjek bolýar ol. Häzir men oňa akyllyja bolmalydygyny öwrederin!..

Kapral, dogrudanam, heniz «doly eskimos» däl bolarly, ol iň birinji barýan itlerdenem dört fut aňryk ýetýän gamçyny ulanmagy doly öwrenmändir, çünki dürre şuwlap uzynlygyna ýazyldy, ýöne yzyna gaýdanda, atanlykda bu «gerçegiň» öz kellesine degdi-de, onuň deri telpegini gaýdyryp goýberdi. Telpek saniniň ýelginine ýokarlygyna uçup gitdi. Şol mäkäm başgap bolmanlygynda, kapral öz gulagynyň ujuny çürtýärdi.

Şo mahalam onuň gamçysyndan ürken itler gapdala serpikdiler, sani agdaryldy, är-aýal Jolifler garyň üstüne zyňlyp gitdiler. Bolsa-da gar galyňdy, şonuň üçin hem är-aýal hiç ýerini agyrtmady. Kapral gaty gelşiksiz ýagdaýa düşdi, aýaly oňa gözüni alardyp bir seretdi welin, ýer ýarylmady, olam girmedi! Leýtenant Gobson hem oňa agzyndan gelenini diýdi!

Sani ýerden galdyryldy, ýöne diňe bir hojalyk işleriniň däl, indiden beýläk itleriň jylawynyňam missis Jolifiň eline geçmelidigi barada netijä gelindi. Utanjyndan ýere giräýjek bolup duran kapral muňa boýun bolmaly boldy. Topar bu ýerde biraz säginenden soň ýoluny dowam etdi.

Soňky on bäş günde üýtgeşik bir zat bolmady. Howa oňuşmaz ýaly däldi, tebigat syýahatçylara garaşyk edýärdi. 1-nji maýda topar Enterpraýz fortuna geldi.

## ALTYNJY BAP

### «Wapitileriň» söweşi

Topar Relaýans fortundan gaýdaly bäri iki ýüz mil geçdi. Itler agzybirlik bilen ýüwürýärdiler, syýahatçylar bolsa gijesine beýle bir garaňky bolman, alagaraňkylygyň uzaga çekýänliginden ýerlikli peýdalanyp, gije-gündiz saniden düşmediler, şonuň üçin hem olar kenarynda Enterpraýz forty ýerleşen Sner köli görnende ýadawlykdan ýaňa aýak üstünde zordan durýardylar.

Gudzon aýlagy şereketi tarapyndan bary-ýogy mundan birnäçe ýyl ozal esaslandyrylan bu fort uly ähmiýetli hasaplanmaýardy, ol diňe azyk önümleri saklanýan ammar hökmünde peýdalanylýardy. Bu ýerden üç ýüz mil töweregi demirgazyk-günbatarda ýerleşen Uly Aýy kölünden sütük ýüklenen kerwenleri alyp gelýän toparlar bärde dem-dynç alyp geçýärdiler. Fortuň harby berkitmesi bary-ýogy on iki esgerden ybaratdy, fortuň özi bolsa daşyna ýere kakma agaç haýat aýlanan ýekeje jaýdan durýardy. Ilkinji uzak aralygy arka atan leýtenant Gobsonyň ýoldaşlary, jaýyň daryşganlygyna garamazdan, bu ýerde iki günläp hezil edip dynç aldylar.

Polýar baharynyň geleni bu ýerlerde hem duýulýardy. Gar ýuwaş-ýuwaşdan ereýärdi, gijelerine güýçli aýaz bolmaýanlygy üçin irden ýer doň däldi. Käýerlerde iglije garaharsaňlar hem-de seýrek otlar gögerişip başlapdy, daşlaryň arasynda solgun güljagazlar özleriniň çyglyja baldajyklaryny görkezip ugrapdy. Dowamly gyşdan soň ýaňy janlanyp başlan tebigat ak gara garap, bezgek bolan gözleri özüne maýyl edýärdi, arktikanyň seýrek ösümlik dünýäsiniň bu görnüşlerinde gözüň eglenip, janyň aram tapýardy.

Missis Barnet bilen Jasper Gobson boş wagtlaryndan peýdalanyp, kiçijik kölüň kenaryna gezelenje çykdylar. Olaryň ikisem tebigat gözelliginiň gadyryny bilýän adamlardy. Olar ýumşak gara çümüp, erän garyň suwundan emele gelen, şildirdäp akýan bulajyklaryň üstünden towsuşyp barýardylar. Sner kölüniň heniz doňy çözülmändi. Buzuň üstündäki jaýryklaram entekler kölüň erärli däldiginden habar berýärdi. Onuň üstüniň her ýerlerinde owadan görnüşli täsin buz harsaňlary ýokary galyşyp durdy, Gün şöhlesi olardan serpigip, buz böleklerine her dürli öwüşgin berýärdi. Olar göýä Gudraty Güýçliniň öz eli bilen asmandan ýere taşlan älemgoşarynyň dyr-pytrak bolan bölekleri ýaly bolşup ýatyrdy.

— Mister Gobson, bu ýeri, gör, nähili gözel! — diýip, missis Barnet içki duýgusyny daşyna çykardy. — Sähel süýşdügiň, bu öwüşginler öz reňkini üýtgedip dur. Misli biz ägirt uly

kaleýdoskopa (Kaleýdoskop — turba şekilli, içi aýnaly oýunjak enjam, ol towlanan halatynda, içindäki dürli görnüşli aýna bölejikleri her hili reňklerdäki owadan nagyşlary emele getirýär.) garaýan ýaly, şeýle dälmi? Ýa-da meniň üçin täzelik bolan bu täsin görnüşleri siziň göre-göre görmeziňiz çykdymy?

— Ýok, hanym — diýip, leýtenant jogap berdi. — Demirgazykda doglan bolsam-da, çagalygymyň, ýaşlygymyň bu ýerde geçenligine garamazdan, men häli-häzire çenli bu ýerleriň ajaýyp gözelligini synlap doýup bilemok. Ynha, siz häzir Gün öz nuruny bolluk bilen saçyp, bu ýerleriň görnüşini düýbünden üýtgeden mahaly oňa haýran galýarsyňyz. Ýöne siz bu ülkämizi gyşyň gazabyna tutan wagty görseňiz näme diýerkäňiz? Dogrymy aýdaýyn, hanym, aram guşaklyklarda belli bahasy bolmadyk Güneş, meniň pikirimçe, Arktikamyzyň tebigy gözelligini birneme bozýar!

— Be-e, siz-ä oňaraýdyňyz — diýip, syýahatçy ýylgyrdy. — Her niçigem bolsa, men nurly Güni ýolagçynyň wepaly hemrasy diýip hasaplaýaryn, hatda Arktika guşaklyklarynda hem onuň nurly çogundan nadyl bolmaly dälmikä diýýän!

— Hanym, siz şeýle pikir edýänsiňiz — diýip, Jasper Gobson oňa jogap berdi. — Emma men bolsa Russiýa gyşyna, Sahara tomsuna gitmeli diýýän adamlaryň hilinden. Diňe şonda şol ýurtlaryň hakyky gözelligini görüp bolýar. Güneş tropiki guşaklyklaryňky, yssy ýurtlaryňky. Polýusyň otuz gradus golaýyna bolsa ol gelşenok! Hakyky demirgazyk asmany — gyş paslynyň ýyldyzlary petreşýän, demirgazyk şapagynyň ýalkymyna ýagtylyp duran, kir-kimirsiz arassa hem sowuk asmanydyr. Biziň ülkämiz günortanyň ülkesi däl-de, ýarygijäniň ülkesi, şonuň üçinem hanym, ynanaýyň maňa, uzyndan-uzyn polýar gijeleri size gaty kän täsinlikleri görkezer, sizde ýatdan çykmajak ajaýyp täsirler galdyrar.

— Mister Gobson, siz Ýewropanyň ýa-da Amerikanyň mylaýym howaly ýurtlarynda bolup gördüňizmi? — diýip, missis Barnet sorady.

— Hawa, hanym, bolup gördüm, ol ýurtlaryň gözelligine hem sözüm ýok, ýöne her gezek ol ýerlerde bolanymda men özümiň dogduk mekanymy göresim gelip gyssanyp başlaýan, öz ýurdumdan owadan ýeriň ýokdugyna göz ýetirýärin. Men demirgazyk adamsy, sowukdan çekinip durmaýanyma geň galasy zat ýok. Edil eskimoslar ýaly maňa-da sowuk kär edenok, buzdan salnan jaýda ençe aýlap ýaşap bilýän.

— Mister Gobson, siz bu eýmenç nägehanyň — aldajy sowugyň hakyky aklawçysy! — diýip, syýahatçy zenan oňa haýran galdy. — Size doly laýyk gelýän ýoldaş bolup bilerin diýip umyt edýärin, polýar aýazy bilen darkaş gurup nirä çenli gitseňiz hem, men sizden galmaryn!

— Örän gowy, hanym, örän gowy! Biziň ähli ýoldaşlarymyz, esgerlerem, aýallaram siz kimin gaýduwsyz bolsa, Biribaram bize garaşyk etse, biz gaty uzaga gideris!

— Umuman aýdanyňda, syýahatymyz şowly başlandy, sizem hiç zatdan dilgir bolýansyňyz öýdemok. Şu mahala çenli hiç hili zowal göremzok, howa hem sanileriň ýöremegi üçin tüýs laýyk howa, sowuk bilenem oňuşsa boljak. Hemme zat gülala-güllük.

— O diýýäniňiz dogry — diýip, leýtenant oňa jogap berdi. — Ýöne hanym, sizi haýran galdyrýan, kalbyňyzy joşduryan Güneş tiz wagtdan biziň ýolumyzda köp kynçylyk döreder, olary ýeňip geçmek üçin birneme südür görmeli bolarys.

— Mister Gobson, siz beýle nämeden howatyrlanýaňyz? — diýip, Polina Barnet sorady.

— Men Gün şöhlesiniň tiz wagtdan bu ýerleriň durkuny düýbünden üýtgetjegini aýtmakçy bolýan, buzuň doňy çözülse sanilerimize typmak kyn bolar, ýolam häzirkisi ýaly tekiz bolmaz, büdür-südür çarkandak ýol itlerimizi hem gaty horlar, olar bizi häzirkileri ýaly tüwdürilip äkider öýtmäň, derýadyr kölleriňem buzy erär, onsoň olaryň ýa-ha daşyndan aýlanmaly bolar ýa-da saýrak güzer tapyp, içine girip geçmeli borus. Bu kynçylyklar, hanym, Güneşiň bize berjek azaplarynyň iň bärkijesi. Olar

ýolumyzy bökdäp bizi eglär, ýadadar. Günüň öz çoguny bolluk bilen saçmagy başga-da kän howp-hatar döreder, iň bolmanda aýagymyzyň astyndaky gar ýumşar, oňa aýagymyz çümüp ýöremek hupbat bolar, dagyň üstündäki gar harsaňlarynyň opurylyp, üstümizi basmagyndan Hudaýyň özi gorawersin! Hawa! Bu görünýän Gün nuruna ýylynmak bize gaty gymmat düşer, biz şeýle kynçylyklara döz gelmeli bolarys. Gün bolsa gözýetimden hasam ýokarlygyna galar! Şuny bek belläň, hanym! Gadymdan aýdylyp gelinýän, ýaşaýşy döreden dört närseden bize diňe howa zerur. Beýleki üç apat – ýer, ot, suw biziň üçin bolmasa gowy! Olar öz tebigaty boýunça polýar ülkelerine kybap gelenok!..

Leýtenant, elbetde, ulaldýardy. Missis Barnet onuň aýdýanlarynyň nädogrudygyny aňsatlyk bilen delillendirip biljekdi, ýöne leýtenantyň hyjuw bilen öz pikirini göçgünli beýan edişi onuň göwnüne ýaraýardy. Leýtenant öz ülkesini jany-teni bilen söýýärdi. Syýahatçy zenanyň atygsap duran bimaza kalby hem ony leýtenantyň ülkesine getiripdi. Baştutanlarynyň öz ýurduna bolan egsilmez söýgüsi bolsa, onuň hiç bir kynçylygyň öňünde ýöwsellemejeginiň güwäsi bolup durýardy.

Ýöne bir tarapdan, Jasper Gobsonyň öňde ýüze çykjak kynçylyklar üçin nurly Güni günälemesiniň hem jany bardy. Munuň şeýledigi üç günden soň, 4-nji maýda topar ýola düşende belli boldy. Termometr gijäniň iň çytawun wagty hem otuz iki gradusdan aşak düşmeýärdi. Giň sähralyklarda gar aldygyna eräp başlapdy. Olaryň ak örtügi kem-kemden çalpawa öwrülip barýardy. Aslynda, daşly topragyň gar örtügi ýukalansoň saniler häli-şindi silkinýärdi. Bu yzy üzülmeýän loňkuldylar syýahatçylaryň lejini çykarýardy. Itler sanileri zordan çekýärdiler, olar indi känbir ylgabam bilenokdylar. Kellesi gelip-gitmeliräk, göçgünli Jolifiň eline gamçyny beräýeniňde hem, ullakan gorkup oturasy zat ýokdy. Ol näçe gykuwlanda-da, gamçysyny hernäçe bulaýlanda-da ysgyny gaçan itleri ylgadyp biljek däldi.

Aram-aram syýahatçylar itleriň ýüküni ýeňletmek üçin

pyýadalabam ýöreýärdiler. Bu bir tarapdan toparyň awçylary üçin diýseň amatlydy. Olar indi Britan Amerikasynyň iň awlagly ýerlerine gelipdiler. Missis Barnet bilen onuň wepaly jorasy Mej uly gyzyklanma bilen aw-şikara tomaşa edýärdiler. Olaryň tersine, Tomas Blek bolsa bu işe birjik-de üns bermeýärdi. Ol bu ýerlere haýsydyr bir ýalmanlary ýa-da gornostaýlary kowalamak üçin gelmändi, ol bu alys ülkede diňe asmandaky Aýy tutmalydy, özem ony öz gabarasy bilen Günüň öňüni ýapan pursadynda tutmalydy. Şonuň üçin hem asmanda Aý göründigi, bisabyr astronom oňa tiňkesini diker oturardy. Şonda leýtenant köplenç halatda:

– Mister Blek, birden ynanyp bolmajak ýagdaý ýüze çykaýsa, müň sekiz ýüz altmyşynjy ýylyň on sekizinji iýunynda Aý dolmasa näderkäňiz? Gaty erbet bolsaňyz gerek? – diýip, oňa habar gatardy.

– Jenap Gobson, Aý şonuň ýaly edip niýetini bozsa, men ony kazyýete bererin! – diýip, alym hem oňa çynaberimsiz jogap bererdi.

Marbr bilen Sebin toparyň iň ökde awçylarydy, olaryň ikisem hakdan içen diýilýänlerdi, oklarynyň boş geçjek gümany ýokdy, hatda iň bir ezber awçylar diýlip hasaplanýan indeýleriň arasynda hem olaryňky ýaly ýiti gözli, elleri sandyramaýan awçylar az-azdy. Olar samyrdyr gunduz, tilkidir aýy tutulýan gapanlary gurmaga, torlary goýmaga hem gaty ökdediler. Bu babatda olaryň bilmeýän emelleri ýokdy. Marbr bilen Sebin öz işine gaty ussatdylar, olara üýtgeşik üşük hem berlipdir. Kapitan Krewenti hem olary leýtenant Gobsonyň toparyna goşup, gaty hak edipdi.

Ýöne ýol ugrunda Marbr bilen Sebin gapanam, duzagam gurmaga ýetişmeýärdiler. Olar birki sagatdan artyk topardan aýrylyşyp bilmeýärdiler, şonuň üçin hem olaryň atyp uran awlary bilen oňňut etmeli bolýardy. Her niçigem bolsa, olara bu ýokary giňişliklerde känbir duşmaýan, amerikan haýwanat dünýäsiniň iki sany ullakan gäwüş gaýtarýan jandaryny awlamak başartdy.

Bu 15-nji maýda bolupdy. Şol gün irden leýtenant Gobson bilen missis Barnet topardan aýrylyp, ýoldan gündogarlygyna birnäçe mil gitdiler. Marbr bilen Sebin bu ýerde gözlerine ilen, täze geçen toýnak yzlaryny yzarlamaga leýtenantdan rugsat soradylar. Gobson olara diňe bir rugsat bermek bilen çäklenmän, syýahatçy zenany hem alyp, olar bilen gitmäge isleg bildirdi.

Yzlardan çen tutsaň, birgiden maral ýaňy-ýakynda bu ýerden ýortup geçen bolmalydy. Muňa hiç hili şek-şübhe ýokdy. Marbr bilen Sebin muny aýnada gören ýaly bilip durdylar, olar aýt diýseň olaryň haýsy görnüşe degişlidiginem aýdyp biljekdiler.

– Mister Gobson, bu janawarlaryň bärlerde gabat gelmegine geň galýaňyz öýdýän? – diýip, missis Barnet leýtenantdan sorady.

– Çynymy aýtsam, geň galýan, hanym – diýip, Jasper Gobson oňa jogap berdi. – Bu marallar ýetmiş bäşinji gradusdan känbir ýokary geçýän jandarlar däl. Biz olary diňe Bendiçilik kölüniň günortasynda tutýardyk. Şol ýerdäki derek hem söwüt jeňňelliklerinde ýabany bägülüň üýtgeşik bir tohumy bitýär, marallaram olary iýmegi gowy görýär.

– Diýmek, gäwüş gaýtarýan jandarlar hem edil sütükli jandarlar ýaly awçylardan gaçyp, birneme asuda bolan bu jelegaýlara gelen bolmaly. Şeýle dälmi?

– Olaryň altmyş bäşinji parallelde gabat gelmegini men başga nähili düşündirjegimi bilemok – diýip, leýtenant jogap berdi. – Ýöne biziň ýigitlerimiz olaryň yzyna seredip, ýalňyşaýan-a däldirler?

– Ýok, leýtenant – diýip, Sebin jogap berdi. – Marbr ikimiz ýalňyşamzok. Bu biziň «gyrmyzy maral» diýip atlandyrýan marallarymyzyň yzy, indeýler olara «wapiti» diýýärler.

– Başga hili bolmaga haky ýok – diýip, Marbr hem öz ýoldaşynyň aýdanlaryny goldady. – Biz köne awçy, aldanjak gümanymyz barmy? Ynha şeýle, leýtenant! Jüýpül-jüýpül edip gelýän

sesleri eşidýäňizmi?

Jasper Gobson, missis Barnet hem-de olaryň ýoldaşlary bu mahal kiçeňräk depäniň etegine gelipdiler. Onuň eňňidindäki garlar eýýäm eräpdi, şonuň üçin hem oňa dyrmaşmak beýlebir kyn däldi. Olar haýdaşlap ýokary galýarkalar, Marbryň aýdýan jüýpüldisi aýdyň eşidilip başlady. Aram-aram kürräň aňňyryşyna çalymdaş sesem gelýärdi, bu hem awçylaryň aýdanyny tassyklaýardy.

Jasper Gobson, missis Barnet, Marbr we Sebin depäniň üstüne çykyp, gündogara uzalyp gidýän düzlüge ser saldylar. Käýerleriniň gary eremedik beýikli-pesli düzlügiň her ýerinde gögerişip ugran otlar, gözüňi gamaşdyryp barýan ap-ak garyň goýnunda göze dürtülip durdy. Onda-munda gyşaryşyp duran ýalaňaç agaçlar hem göze ilýärdi. Gögümtik asmanyň astynda ägirt uly aýsbergleriň sudury aýdyň görünýärdi.

– Wapitiler! Wapitiler! Serediň, hanha wapitiler bar! – diýip, Marbr bilen Sebiniň ikisi iki ýerden gygyryşdylar.

Dogrudanam, çärýek mil aralykda üýşüşip duran jandarlaryň sürüsi bardy, olaryň wapitilerdigi äşgärdi.

– Olar näme edýärler? – diýip, syýahatçy zenan sorady.

– Olar, hanym, uruşýarlar – diýip, Jasper Gobson jogap berdi. – Alabaharyň Güneşi ganlaryny ýyladyp ugradygy, olaryň uruşmak edähedi bar. Ynha, siziň parlak Günüňiziň ýene bir ýaramaz täsiri!

Jasper Gobsonyň, missis Barnetiň hem-de olaryň ýoldaşlarynyň duran ýerinden wapitiler gowy görünýärdi. Bu marallar maşgalasynyň diýseň owadan görnüşleridi. Olar her hili atlandyrylýardy. Olara burma şahly sugunam, amerikan sugunam, ýöne maralam, gyrmyzy maralam, çal maralam diýýärdiler. Bu inçejikden uzyn aýakly naşyja janawarlaryň howanyň maýyl wagty hasam ýiti reňkde öwşün atýan aralary sary tüýlüje, goňur derisi bardy. Agaryp duran owadan şahlaryndan olaryň hemmesiniň gylawly höwür öküzçelerdigini bilmek bolýardy,

çünki gulajyn marallaryň şahlary bolmaýardy. Hemişeler bu jandar Demirgazyk Amerikanyň ähli ýerinde, esasanam, Birleşen Ştatlarda gaty kändi, ýöne göçüp gelenleriň paltalarynyň astynda tokaýlar pürrelenip, hemme ýerde ekerançylyga başlanansoň, wapitiler Kanadanyň heniz barylmadyk sebitlerine gaçmaga mejbur bolupdylar. Ýöne biraz wagtdan ol ýerlerde hem janawarlara gün berilmedi, şonuň üçin hem wapitiler Gudzon aýlagynyň kenarýakalaryna göç etmeli boldular. Wapiti, aslynda, sowuk guşaklyklarda gezýän jandar, ýöne leýtenantyň belleýşi ýaly, olar hiç mahal elli ýedinji parallelden ýokarda gabat gelmeýärdiler. Diýmek, syýahatçylaryň häzirki synlaýan marallary, özlerini rehimsizlik bilen gyrýan awçylardan diňe polýar beýewanlyklarynda halas bolup biljekleri üçin şeýle uzakdaky demirgazyk sebitlerine gelen bolmalydy.

Wapitiler bolsa bu mahal biri-biri bilen gazaply söweşýärdiler. Olar, megerem, awçylary gören däl bolsalar gerek, ýöne göräýenlerinde hem, ganygyzgyn wapitiler uruşmalaryny goýarly däldi. Marbr bilen Sebin uruşýan mahaly gazaba münen wapitileriň gözlerine gaýry hiç zadyň görünmeýändigini, olaryň hiç zada üns bermeýändiklerini, olaryň edil alkymyna baryp bolýandygyny bilýärdiler, şonuň üçin hem awçylar olary atmaga gyssanybam durmadylar.

Leýtenant Gobson ahyrsoňy olardan näme üçin atmaýandyklaryny sorady.

— Siz garşy bolmasaňyz, leýtenant, gowusy biz ok-därimizi bulara giderip durmalyň — diýip, Marbr jogap berdi. — Bular onsuzam ölýänçäler urşarlar, onsoň biz baryp ýeňlen marallary ýygnaýmaly bolarys.

— Wapitileriň derisiniň gymmaty barmy? — diýip, missis Barnet sorady.

— Hawa, hanym — diýip, Jasper Gobson oňa jogap berdi. — Olaryň derisi beýleki sugunlaryňky ýaly galyň däl, şonuň üçin hem gowy edip eýleseň, olaryň derisi gaty gymmat gidýär. Ony

guýruk ýagy hem-de öz ýülüklerini sürtüp, mazaly eýleýärler, onsoň ol ýumşajyk bolýar, yzgaram geçirenok, gurap gatanogam. Indeýler wapitiniň derisi diýip ölüp-öçüp barýarlar.

– Olaryň eti nähili, tagamlymy?

– Ýok hanym, olaryň eti beýlebir tagamly däl – diýip, leýtenant jogap berdi. – Has dogrusy, olaryň etinde asla tagam-tagsyr ýok. Wapitileriň eti gaty, üstesine hem guraksy, ýagy sähel sowadygy doňup dişiňe ýelmeşýär. Ony eti üçin awlaýan az. Wapitiniň eti adaty sugunlaryňkyça ýok, ýöne näme, zat tapmasaň onam iýmeli bolýar, dogry onuň etiniň ýokumlylygyny hiç malyňkydan peslär ýalam däl.

Missis Barnet bilen Jasper Gobson şeýdip, gürleşip durkalar söweş meýdanynda garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Mümkin wapitiler içindäki dyňzap duran gahar-gazaplaryny gowzadandyrlar, belkem-de, olar awçylary görüp öz üstlerine abanýan howpy duýandyrlar, onçasy belli däl, ýöne süriniň iki sany uly öküzçeden galany birden darsyldap, günbatarlygyna tarap okdurylyp gitdiler. Olar şeýlebir tiz ýüwürýärdiler welin, hatda olaryň yzyndan iň bir saýlama bedew hem ýetip bilmese gerek. Sähel salymdan olaryň yzy-tozy ýitip, zym-zyýat boldular.

Ýöne uçursyz owadan iki sany wapiti bolsa söweş meýdanynda galdy. Olar şaha-şaha bolup duran şahly kellelerini aşak egip, art aýaklary bilen ýer peşäp, iň soňuna çenli gidişmekçi bolýardylar. Olaryň güýçleri hem deňeçer bolarly. Olar bir tutluşansoň, biri-birini sypdyrmaýan pälwanlar ýaly bolup, çarpaýyna galyp, göýä, kimdir biri olary mäkäm daňan ýaly hiç aýrylyşmaýardylar.

– Olar nähili ýowuz uruşýarlar, gaty gaharlary gelen bolara çemeli – diýip, missis Barnet haýran galdy.

– Hawa, wapitiler namysjaň jandarlar, megerem, bu ikisi biri-birinden öňden galan ahmyrlaryny çykaryp, haklaşýan bolsalar gerek!

— Şu mahal, olaryň gahar-gazaba garaklarynyň gapylan wagty ýanlaryna barsagam boljak — diýip, syýahatçy zenan ýanyndakylara maslahat saldy.

— Gyssanyp oturmagyň geregi ýok, indi olaryň bizden sypjak gümany ýok — diýip, Sebin jogap berdi. — Biz egnimiz tüpeňli olaryň üç ädim gapdalyna baryp, mäşäni gysamyzda-da, olar ýerinden gozganmazlar!

— O nähili?

— Ol dogry aýdýar, hanym — diýip, Jasper Gobson hem uruşýan haýwanlary dykgat bilen synlap durşuna, awçynyň aýdýanlaryny tassyklady. — Olar biziň atan okumyzdan ölmände hem, şu duran ýerlerinde möjege şam bolarlar.

— Mister Gobson, men-ä size düşünýän däldirin — diýip, syýahatçy zenan hasam geňirgendi.

— Hany, olaryň golaýyna baralyň, hanym, onsoň baryna göz ýetirersiňiz — diýip, leýtenant jogap berdi. — Olary ürker öýdüp çekinmäň, ýaňy awçymyz aýtdy ahyry, indi olar hiç ýaňa gaçyp bilmezler.

Onsoň olaryň dördüsem tirkeşip, depeden düşdüler. Birnäçe minutdan bolsa söweş meýdanyna geldiler. Wapitiler gaçjak bolmaýardylar. Olar süsüşegen goçlar ýaly bolşup, itenekleşip durdylar. Asyl olar biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly ekeni.

Bolan iş şeýle, wapitiler gyzgynlaryna öz şahlarynyň biri-biriniň içinden geçip çolaşanyny hem duýmandyrlar. Indi olaryň şahlary döwläýmese sypjak gümanlary ýokdy. Munuň ýaly ýagdaýlar seýrek däldi. Awlaglarda adamlar ýerde ýatan biri-biri bilen oraşan burum-burum şahlara häli-şindi duş gelýärler. Janawarlaryň şahlary şonuň ýaly dolaşanda, olar ahyrsoňy ajyndan ölýärler ýa-da ýyrtyjy haýwanlara elin olja bolýarlar.

Iki ok janawarlary bu horlukdan dyndardy. Marbr bilen Sebin dessine olary soýup, derisini aldylar, läşini bolsa möjekdir aýylara galdyrdylar.

ÝEDINJI BAP

Polýar aýlawy

Topar demirgazyk-günbatara bakan ýoluny dowam edýärdi. Ýöne ýadawlykdan halys bolan itlere çarkandakly ýolda sanileri çekmek gitdigiçe kynlaşýardy. Syýahatyň başynda sürüjä zordan sakladýan bu merdemsi janawarlaryň indi ylgamaga höwesleri ýokdy. Ýadawlykdan halys surnugan itler günüň dowamynda sekiz, aňry gitse on milden artyk ýol geçip bilmeýärdiler. Ýöne Jasper Gobson toparçasyny boldugyndan gyssaýardy. Ol tizräk Uly Aýy kölüniň demirgazyk kenaryndaky Konfidans fortuna barmak isleýärdi. Leýtenant ol ýerden topar üçin wajyp bolan käbir maglumatlary almaga umyt edýärdi. Bu ýerlere hemişe gelýän indeýler Buzly ummanyň golaýdaky kenarýaka zolaklaryna baryp gördülermikä? Ýylyň bu mahallary umman doňmyka? Oňa, ine, şu zatlary bilmek gerekdi. Bu sowallaryň jogaby topar üçin örän wajypdy. Täze faktoriýanyň ykbaly ol jogaplara baglydy.

Kiçijik toparçanyň geçip barýan ýerleri çeşmedir çaýlardan, bulaklardan doludy, olaryň aglabasy, günortadan demirgazyga akyp, Buzly ummana guýýan iki sany esasy derýanyň goşantlarydy. Günbatardan Makkenzi derýasy, gündogardan bolsa Koppermaýn derýasy akýardy. Bu iki akabanyň arasy bolsa san-sajaksyz köllerden, kölçelerden hem-de batgalyklardan doludy. Olaryň üsti ýukajyk buz bilen örtülendi, ondan men-menlik edip sanili geçmek örän howpludy. Nalaç olaryň daşyndan aýlanmaly bolýardy, bu bolsa ýoly uzaldýardy. Dogrudanam, gyş pasly demirgazyk ýurtlaryna aýlanmak üçin iň amatly pasyldy. Missis Barnet hem munuň şeýledigine ýene bir gezek aýdyň göz ýetirdi.

Gargyşly Ýere degişli bolan bu sebitiň ähli ýeri beýewan çolalykdy, dogry, Amerika yklymynyň demirgazyk sebitleri

tutuşlygyna-da şeýledi. Hasaplanyşyna görä, bu ýeriň her ýaşaýjysyna on inedördül mil ýer düşýärdi. Soňky wagtlar bu ýerde ýaşaýan indeýleriň hem sany azalypdy. Olardan başga bu ýerde dürli deri şereketlerinde işleýän birnäçe müň gullukçylar bilen esgerler ýaşaýardy. Olaram, esasan, günorta sebitlerde hem-de faktoriýalaryň töwereginde ýaşaýardylar. Şonuň üçin hem ýola düşüleni bäri toparyň gözi ýekeje gezegem adam yzyna düşmändi. Ýumşak garyň üstünde galan yzlaryň hemmesi gäwüş gaýtarýan jandarlara ýa-da gemrijilere degişlidi. Birnäçe gezek toparçadan garagörnüm uzaklykda aýy göründi. Olaryň polýar görnüşlerine degişlileri bilen ýüzbe-ýüz bolmak juda hatarlydy. Şeýle-de bolsa missis Barnet bu ýyrtyjylaryň juda seýrek gabat gelýändigine gynandy. Ol bu ýerdäki gyşlagçylaryň gürrüňlerine esaslanyp, olar polýar sebitlerinde her ädimde duşup durandyr öýdýärdi. Dogrudanam, gämi heläkçiligine uçran bendeler, şeýle hem Baffin aýlagynda, Şpisbergende we Grenlandiýada aw edýän kit tutujylar her gün olaryň hüjümine duçar bolýan bolsa, bu ýerde bolsa toparça bary-ýogy birnäçe aýy garagörnüm aralykda duşdy.

– Hanym, gyş düşerine sabyr ediň – diýip, leýtenant onuň bu barada sowalyna jogap berdi. – Sowuk düşýänçä garaşyň, şonda aýylar hem ajygyp başlar, onsoň olary näçe diýseňiz görüp bilersiňiz.

Uzak hem surnukdyryjy ýoldan soň, 23-nji martda kiçijik toparça ahyrsoňy Polýar aýlawyna ýetdi. Mälim bolşy ýaly, Demirgazyk polýusdan 23˚27’57» (23 gradus, 27 minut, 57 sekund) uzaklykda ýatan bu parallel, bu ýere garşylyklaýyn duran ýarym togalakda, ýagny Günorta ýarym şarda, Günüň iň aşak çetden aýlaw edýän pursadynda, onuň şöhlesiniň Demirgazyk ýarym şara düşýän iň gyraky serhedini aňladýardy. Ine, şu ýerden hem toparça hakyky arktika zolagyna gadam basýardy. Bu giňişlik örän takyk abzallaryň kömegi bilen pugta anyklanyldy. Astronom Tomas Blek bilen Jasper Gobson ikisi bu işiň hakyky ussatlarydy. Olaryň ýanynda duran missis Barnet özüniň Polýar aýlawyna ýetendigini bilende diýseň begendi. Elbetde,

syýahatçy zenanyň öz-özünden göwnüniň suw içeni düşnüklidir.

– Hanym, siz ozalky syýahatlaryňyzda tropikleriň ikisini kesip geçipsiňiz, ynha, bu gün bolsa Polýar aýlawynyň serhedinde dursuňyz. Munuň ýaly biri-birinden tapawutlanýan guşaklyklara baryp gören syýahatçylar az-azdyr! Çünki syýahatçylaryň käbiri yssy ýurtlara gidegen, özem olaryň esasy syýahat edýän ýerleri Afrika hem Awstraliýa bolup durýar. Olaryň hatarynda Bart, Barton, Liwingston, Spek, Duglas, Stýuart dagyny görkezmek bolar. Olaryň tersine, ýene birnäçeleriniň ünsüni şu wagta çenli nämälim diýen ýaly bolup gelýän Arktika sebitleri çekýär. Men Makkenzi, Franklin, Penni, Keýn, Parri, Reý dagy hakynda aýdýaryn. Şu mahal biz hem olaryň yzyndan barýas. Missis Polina Barnet bolsa olara iki esse artykmaç mübäreklenmäge mynasypdyr, çünki siz syýahatçy hökmünde gara ýeriň sowugynam, yssysynam gördüňiz.

– Adam hemme zady görmelidir, juda bolmanda görmäge çalyşmalydyr, mister Gobson – diýip, missis Barnet oňa jogap berdi. – Yssy ýurtlaryňam, sowuk ülkeleriňem özüne ýetik howp-hatary bar. Haýsy guşaklyga barsaňam arkaýyn boljak gümanyň ýok. Polýar ülkelerinde tropiki ysytmadan, yssy howanyň ýaramaz täsirinden, garaýagyz taýpalaryň ýowuzlygyndan çekinmeseňem bolýar, ýöne bu ýerleriň aldajy sowugy olardan erbet bolmasa, gowy däl. Ýabany haýwanlar ähli giňişliklerde hem duşýar, syýahatçylar üçin ak aýylaram tibet gaplaňlaryndan, afrika ýolbarslaryndan enaýy däl. Şonuň üçin hem iki polýar aýlawynyň çäklerindäki howp-hatar, iki tropigiň aralygyndaky howpça bar. Onda-da, munda-da syýahatçylaryň aýagy sekmedik sebitler gaty kän.

– Bu aýdýanyňyz gaty dogry, hanym – diýip, Jasper Gobson onuň aýdanlaryny makullady. – Ýöne şeýle-de bolsa, arktika sebitlerine syýahat etmek has kyndyr diýip çaklamaga esas bar. Tropiki ýurtlarda ýerli halk syýahat üçin uly kynçylyklary döredýär. Näçe syýahatçynyň Afrikanyň ýabanylaşyp giden taýpalarynyň pidasy bolandygy mälim. Ýöne ol ýerleri hem barýarka medeniýetleşer. Arktika we Antarktika sebitlerinde

bolsa ýerli halk däl-de, tebigatyň hut özi syýahatçylaryň ýoluna böwet bolýar. Geçip bolmajak läheň-läheň buzlar, aldajy sowuk, aňzak adamyň güýjünden rüstem gelýär!

– Diýmek, mister Gobson, siz yssy guşaklyklar ilki öwreniler diýip hasaplaýarsyňyz-da, buz patyşalygynyň bir ujundan beýleki ujuna barylmazyndan öň, Afrikanyň iň syrly künjeklerine hem baryp bolar diýip çaklaýarsyňyz-da?

– Gürrüňsiz, şeýle hasaplaýaryn – diýip, leýtenant Gobson tekrarlady. – Meniň bu aýdýanlarym düýpli delillere esaslanýar. Arktika sebitlerine ilkinji syýahat eden iň batyrgaý syýahatçylar Parri, Penni, Franklin, Mak-Klýur, Koýn, Morton dagy zordan segsen üçünji parallele ýetdiler, olar demirgazyk polýusa tutuş ýedi gradus ýetip bilmediler. Şonuň bilen birlikde gaýduwsyz Stýuart bolsa Awstraliýany günortadan demirgazyga hem, yzlygyna hem birnäçe gezek geçdi. Hemmeleri üýşendirýän eýmenç Afrikany bolsa doktor Liwingston Loango böwründen Zambezi derýasynyň aýagyna çenli geçdi. Şonuň üçin hem geografiýa babatynda ekwator ýurtlary polýar ülkelerinden has öň ymykly öwreniler diýip aýtmaga doly esas bar.

– Mister Gobson, haýsydyr bir syýahatçy Demirgazyk polýusa baryp bilermikän, siz bu barada nähili pikirde? – diýip, missis Barnet sorady.

– Muňa hiç hili şek-şübhe bolup bilmez, hanym – diýip, Jasper Gobson ynam bilen aýtdy. – Syýahatçy, belkem-de, syýahatçy zenan ol ýere barar – diýip, ol ýylgyryp sözüniň üstüni ýetirdi. – Ýöne meniň pikirimçe, bu nokada barmak üçin adamlaryň häzirki wagtda ulanýan serişdeleri birneme bärden gaýdýar, olary gowy kämilleşdirmek gerek. Aýtmaklaryna görä, syýahatçylaryň birentegi çet demirgazykda açyk deňziň ýaýlyp ýatandygyny görüpdirler. Ýöne bu buzlardan azat deňze, eger-de ol, hakykatdanam, bar bolsa ýetmek örän kyn, şonuň üçinem ol deňziň polýusa çenli ýaýlyp ýatandygyna hiç kim doly güwä geçip bilenok. Meniň özüm-ä, eger-de şeýle açyk deňiz bar bolaýanlygynda hem, ol syýahatçynyň wezipesini ýeňilleşdirmän,

gaýta kynlaşdyrarmykan diýýän, şonuň üçin özüm-ä daş bolsun, buz bolsun parhy ýok, ýoluň dowamynda aýagymyň aşagynda gaty ýer bolanyny kem göremok. Şonuň ýaly bolsa, men yzly-yzyna birnäçe topary ýollamak arkaly polýusa barha golaýlaşýan azyk hem kömür ammarlaryny döredérdim, dogry, bu uzak wagty hem köp çykdajyny talap eder, bu wajyp ylmy meseläni çözmegiň adam pidalaryna getirmegi hem ahmal, ýöne men şeýdip, ýuwaş-ýuwaşdan golaýlap barşyma, ýer togalagynyň baryp bolmaýan bu nokadyna ahyrsoňy ýeterdim.

— Men siziň bu pikiriňiz bilen ylalaşýaryn, mister Gobson — diýip, Missis Barnet jogap berdi. — Eger-de siz barýaka bu pikiriňizi amala aşyrmakçy bolsaňyz, menem siziň bilen bilelikde Birleşen patyşalygyň baýdagyny Demirgazyk polýusda dikmek üçin ähli kynçylyklary çekmäge, howp-hatarlara döz gelmäge, birjik-de ikirjiňlenmezden giderin! Ýöne häzir biziň başga maksadymyz bar.

— Hawa, hanym, biziň maksadymyz polýusa ýetmek däl — diýip, Jasper Gobson aýtdy. — Ýöne biz şereketiň tabşyrygynyň hötdesinden gelip bilsek, Amerika yklymynyň demirgazyk çetinde täze bir fort esaslandyrylar, şunluk bilenem polýusa gitjek ähli toparlaryň şaýyny tutmaga ygtybarly gala gurlar. Onuň üstesine hem biziň işimiz sütükli jandarlary awlamak, onsoň näme, ol ýerden fort gursak, ol haýwanlar bizden gaçyp polýusa giderler, bizem islesek-islemesek olaryň yzyna düşüp, ol ýere barmaly bolarys!

— Hawa, bu aýdýanyňyz dogry, ýöne gözel tebigatyň işini görýän, sütükleri nysak etmegiň soňy gelmezmikä? — diýip, missis Barnet sorady.

— Näsini aýdýarsyňyz, hanym — diýip, leýtenant kellesini ýaýkady. — Ýöne elmydama hem soboldan mufta ( Mufta — aýallaryň ýylylyk üçin ellerine geýýän, iki tarapy açyk, deriden edilen gollugy.) edinmek ýa-da norka derisinden palantin ( Palantin — aýallaryň egnine atynýan deri ýapynjasy.) atynmak isleýän lälijek zenanlar tapylar, onsoň

olaryň diýenini etmänem bir gör-dä!

— Olaryň diýenini etmeseň-ä bolmaz — diýip, syýahatçy zenan güldi. — Hawa, demirgazyk polýusa ilki bilen samyr ýa kümüşsöw reňk tilki kowalap ýören awçynyň barmagy ahmal!

— Munuň şeýle boljagyna özüm-ä gaty ynanýaryn — diýip, Jasper Gobson gürrüňi dowam etdi. — Adamyň häsiýeti şeýle! Gazanç üçin oň barmajak ýeri ýok. Ylmy gyzyklanmalar, açyşlar gazanjyň ýanynda hiç zat bolup galaýýar!

— Goýaweriň! Beýle diýmek, Jasper Gobson size-hä gelşenok!

— Hanym, men Gudzon aýlagy şereketiniň gullukçysy ahyryn, bu şereket bolsa öz girdejilerini artdyrmak üçin maýasynam, gullukçylarynam gaýgyranok, bu näme, ýalanmy, eýse?

— Mister Gobson, men sizi eýýäm ýeterlik tanaýarmykam diýýän, şonuň üçin hem size ylmyň hatyrasyna öz janyňyzy orta goýup biljek adam diýip ynamly aýdyp bilerin. Siz diňe geografiýanyň bähbitleri üçin polýusa barmaly bolanyňyzda-da ýekeje minut ikirjiňlenmejegiňize gözüm ýetip dur. Ýöne polýus meselesi uly mesele — diýip, ol ýylgyryp sözüni dowam etdi. — Ony entek-entekler çözmek başartmaz. Biz bolsa häzir Polýar aýlawynda, şony känbir kynçylyk görmän sag-aman geçeris diýip umyt edýärin!

— Kynçylyk bolmaz diýib-ä aýdyp bilmen, hanym — diýip, Jasper Gobson jogap berdi. — Soňky günler howa bulaşjak bolýar. Görýäňizmi, gözýetim nähilidir bir çal perde bilen örtülipdir! Ol ýygnanan yzgar gara öwrülip, üstümizden inse gerek, üstesine, ýelem turaýsa-ha, bar onsoň, syrgyn bize birneme südür görkezer. Dogrymy aýtsam, özümiziň tizräk Uly Aýy kölüne ýetmegimizi dilemek gerek!

— Onda mister Gobson, howlugalyň — diýip, Polina Barnet ýerinden turdy. — Wagt ýitirmäň, ýola düşmäge buýruk beriň.

Aýdyp durmanyňda-da leýtenantyň gyssagy özi bilendi. Ol ýeke

bolsun ýa-da özi ýaly gaýratly adamlar bilen bile bolsun, parhy ýok, ýeke günem, birje gijänem ýitirmän diňe öňe gitjekdendi. Ýöne ol özüniňki ýaly çydamlylygy hemme kişiden talap edip bilenokdy, ol öz ýadawlygyna üns bermäýeninde-de, beýleki adamlaryň ýadawlygyna welin, göz ýumup biljek däldi. Şol gün hem ol adamlary ýadatmajak bolup, özüniň kiçijik toparçasyna biraz dynç beripdi, ýöne eýýäm ikindin sagat üçde syýahat ýene dowam etdirildi.

Jasper Gobson howanyň üýtgejegini aýdyp ýalňyşmandy. Ony iňkise goýan howa-da kän garaşdyrman bulaşyp başlady. Şol gün agşamaralar bulutlar hasam goýraslanyp ýere gaçaýjak bolýardy, özlerem birhili içgysgynç sarymtyk öwüsýärdi. Leýtenant gaty howatyrlanýardy, ýöne öz howsalasyny daşyna çykarmaýardy. Itler bolsa halys ysgyndan gaçyp, zoraýakdan sanileri süýreýärdiler. Leýtenant seržant Long bilen parahat gürleşip gidip barýardy, ýöne tupanyň alamatlary seržanty hem az alada goýanokdy.

Olaryň şor maňlaýyna barýan ýerleri hem sani sürer ýaly ýer däldi. Büdür-südür, käýerlerini jaranlyklar kesip geçýän ýoluň öňüni, bir görseň, läheň-läheň granit daşlary, bir görseňem, ýaňy eräp başlan ullakan buz harsaňlary ýapýardy, bu bolsa onsuzam zordan gymyldap barýan kerwenjigiň ýoluny hasam kynlaşdyrýardy. Ysgyndan gaçyp, halys eňki agan itlere sani sürüjileriň gamçysam täsir edenokdy.

Leýtenant bilen ýoldaşlary leji çykan itlere kömek bermek üçin häli-şindi sanilerden düşüp, onuň yzyndan itekleýärdiler, çarkandak ýolda sanileriň agdarylmazlygy üçin gapdalyndan tekge berýärdiler. Elbetde, üznüksiz şeýdip ýol öndürmek erbet ýadadýardy, ýöne adamlar muňa sesini çykarman, mertlik bilen döz gelýärdiler. Diňe Tomas Blek öz sanisinden düşmeýärdi, birinjiden-ä ol öz pikirlerine gümra bolup, daşynda bolup geçýän zatlara üns bermeýärdi, ikinjidenem onuň gowuşgynsyz göwresi munuň ýaly agyr işlere hötde gelibem biljek däldi.

Okyjymyzyň görşi ýaly, Polýar aýlawyndan geçileni bäri töwerek

düýbünden özgeripdi. Her ýerde düňderilişip ýatan ullakan harsaň daşlar, bu ýerde birmahallar bolup geçen geologik hadysalardan habar berýärdi. Ýöne töweregiň ösümlik dünýäsi baýlaşypdy. Indi diňe bir gyrymsy agaçlar däl-de, baýryň üstünde topbak tutup oturan baglaram görünýärdi, olar dagyň haýsydyr bir gaýasynyň ygyşagynda ýakymsyz demirgazyk şemalyndan goranypdyrlar. Agaç görnüşleri öňkülerden tapawutlananokdy, şol ozalky sosnalar, arçalar, söwütler ösüp otyrdy. Olaryň bu doň ýerde ösmegi, ol agaçlaryň juda çydamly agaçlardygyndan habar berýärdi. Jasper Gobson arktikanyň ösümlik dünýäsiniň bu wekilleri Buzly ummana çenli ösýändir diýip umyt edýärdi. Sebäbi bu baglar geljekki forty gurmak üçin ony agaç bilen üpjün edip biljekdi, üstesine hem olara sowuk gyşda ýylynmak üçin odun bolup hyzmat etjekdi. Bu pikir onuň ýoldaşlarynyňam kellesine gelipdi. Olaryň hemmesi beýleki ýerlere garanyňda bol ösümlik dünýäsi bolan bu ýeriň Bendiçilik kölünden Enterpraýz fortuna çenli uzalyp ýatan ümmülmez ak düzlüklerden şunuň ýaly üzül-kesil tapawutlanmagyna haýran galýardylar.

Gije sary duman ýer ýüzüni gurşap aldy. Ýel turdy. Tiz wagtdan bolsa petde-petde gar ýagdy hem-de sähel salymyň içinde ýeriň ýüzi galyň gara basyryldy. Bir sagat geçip-geçmänkä garyň galyňlygy bir futa ýetdi, ýöne ol doňup ýetişmänsoň, bada-bat hapa çalpawa öwrülýärdi, bu bolsa sanileriň ýöremegini hasam kynlaşdyrýardy. Sanileriň öň tarapyndaky aýlawly ujy ýumşak garyň içine çümüp, her ädimde bökdeýärdi.

Agşam sagat sekiz töwerekleri ýel iki esse güýçlendi. Ýeliň ugruna gidip, keseligine ýagýan gar kämahal ýere düşýärdi, kämahalam ýokarlygyna göterilip, garly tüweleýi emele getirýärdi. Ýeliň zarbyna südenekläp gidýän itler syrgyndan ýaňa gözünem açyp bilenokdylar, olar entirekleşip, zoraýakdan ýöreýärdiler. Bu mahal toparça iki tarapy belent, buzly daglar bilen gabalan dere bilen gidip barýardy. Tupan gazap bilen deräniň içine dolýardy. Harasadyň goparan buz harsaňlary gürpüldäp, geçelgäni basýardy, bu bolsa ýoly hasam howply

edýärdi. Bu buz harsaňlarynyň iň kiçijigi hem sanini, üstünde oturan adamlary bilen birlikde basyp mynjyradyp biljekdi. Munuň ýaly ýagdaýda ýoly dowam etmek mümkin däldi. Şonuň üçin hem Jasper Gobson bu apatyň öňünde ýan bermäge mejbur boldy, ol seržant Long bilen maslahatlaşyp, saklanmak hakda buýruk berdi. Ýöne syrgyndan penalanmaga amatly ýerem tapmalydy. Polýar barlag toparlary bilen gidip, beýle ýagdaýlara öwrenişen adamlar üçin munuň beýlebir kynçylygy ýokdy. Jasper Gobson bilen onuň ýoldaşlary munuň ýaly ýagdaýda näme etmelidigini bilýärdiler. Şereketiň fortlaryndan ýüzlerçe mil uzaklykda, penalanar ýaly eskimos çatmasynyňam, indeý külbesiniňem ýok ýerinde, olaryň üstüni syrgyna basdyryşlary ilkinji gezek däldi.

— Daga, buzly daglara tarap gidýäs! — diýip, Jasper Gobson gygyrdy.

Onuň näme etjek bolýandygyna hemmeler düşündi. Bu doň harsaňlaryň içinden «snow-houses» diýlip atlandyrylýan «buz öýjagazlaryny» gurmalydy, has dogrusy, harasat sowulýança içine girer ýaly süren gazynmalydy. Şobada paltadyr külüňler buzuň port gatlaklaryny owradyp başlady. Kyrk bäş minut töweregi wagtdan doň gaýada, hersiniň içinde iki-üç adam ýerleşip biljek inçejik girelgeli sürenleriň onlarçasy gazyldy. Itleriň düşbüligine, üşükliligine bil baglap, jylawlaryndan boşadyp goýberdiler. Ol akylly janawarlar garyň astyndan özlerine gizlener ýaly ýer gazynyp biljekdiler.

Sagat on bolýança toparyň adamlarynyň hemmesi «gar öýjagazlarynda» ygtybarly gizlendiler. Missis Barnet, Mej, leýtenant Gobson üç bolup, bir buz gowagynda ýerleşdiler, goňşy gowakda Tomas Blek bilen seržant Long ýerleşdi. Beýlekiler hem öz islegi boýunça ýoldaş saýlap, gowaklara girdiler. Bu gar gaçybatalgalary beýlebir oňaýly bolmasa-da, onuň içi, hakykatdanam, ýyljakdy. Indeýlerdir eskimoslar munuň ýaly düşelgäni aldajy aňzakda galanlarynda häli-şindi peýdalanýarlar. Indi Jasper Gobson bilen onuň ýoldaşlary arkaýyn harasadyň sowlaryna garaşyp oturmalydylar, olar diňe

öz hinleriniň agzyny gara basdyrmasalar bolanydy, şonuň üçin hem her ýarym sagatdan girelgäniň agzyna üýşen gary aýyrýardylar. Harasat mahaly Jasper Gobson bilen onuň esgerleri diňe bir-iki gezek daş çykmaga aýgyt etdiler. Olaryň her haýsynyň ýanynda ýeterlik azyk-owkat bardy, şonuň üçin hem syýahatçylaryň hemmesi misli suwitileri ýaly bolup, açlykdanam, sowukdanam horlanman, bu tussaglyga aňsatlyk bilen döz geldiler.

Harasat gitdigiçe güýjäp, kyrk sekiz sagatlap möwjedi. Ýel insiz deräň içinde şuwwuldap ses edýärdi, buzly dagyň üstünde öňünden çykan zady goparyp taşlaýardy. Dagyň içinde ýigrimi gezek dagy ýaňlanyp gidýän eýmenç gürpüldiden haýsy tarapda buzlaryň kän opurylýandygyny aňlamak bolýardy. Jasper Gobson bu opurylmalaryň ýoly beklemeginden gaty howatyr edýärdi. Onuň şeýle basga düşmegi ýöne ýere däldi, dagyň opurylyp, öňlerinde geçip bolmajak harsaňlary döretmegi gaty ahmaldy. Bu gümmürdileriň arasyndan mahal-mahal nähilidir bir arryldy hem eşdilýärdi. Ol arryldylaryň nämäniň sesidigini leýtenant bilip durdy, Polina Barnetiň nähili edermendigini bilýäni üçin ondan deräniň içinde aýylaryň aýlanyşyp ýörendiklerini gizlejegem bolmady. Ýöne bolsa-da, öz başyny gutarmagyň gamy bilen başagaý bolup ýören bu ýowuz ýyrtyjylar syýahatçylaryň gaçybatalgalarynyň üstünden gelmediler. Galyň gara basyrylan itlerem, sanilerem olaryň gözüne ilmedi, onsoň aýylar hiç kime zelel ýetirmän bu ýerden gitdiler.

25-nji maýdan 26-syna geçilýän gije hasam erbet boldy. Harasat şeýlebir güýçlendi welin, syýahatçylar buzly dagyň ýumrularyndan gorkup başladylar. Ägirt uly buzlaryň düýbüne çenli sarsyp gidýäni eşidilip durdy. Bu buz harsaňlary üstlerine opurylaýsa syýahatçylaryň petine gar ýagjakdy, olar aýylganç ejir çekip, heläk boljakdylar. Buz harsaňlary gorkunç şatyrdap jaýrylýardy, käbir jaýryklar eýýäm yş açyp başlapdy hem-de opuryljak bolýardy. Bolsa-da syýahatçylaryň Hudaý diýen ýeri bar ekeni, buz harsaňynyň esasy bölegi opurylman saklandy. Gije ahyrlap barýarka güýçli aýaz tupany gowşatdy.

Munuň ýaly ýagdaý polýar ülkelerinde ýygy-ýygydan bolýar. Gün dogandan soň bolsa daş-töwerek doly asudalaşdy.

## SEKIZINJI BAP

## Uly Aýy köli

Syrgyn bir tarapdan bähbide çekdi. Howanyň gysga wagtlyk güýçli sowamagy (maý aýynda munuň ýaly howanyň sowamagy, hatda maýyl ýurtlarda hem bolýar) galyň garyň baslygyp berkemegi üçin ýeterlik boldy. Ýol indi ganymatlaşypdy. Jasper Gobson ýene ýola düşdi, toparçanyň beýleki sanileri hem mümkin boldugyndan gaty sürüp, onuň yzyna düşdüler.

Ozalky ugur birneme üýtgedildi. Indi topar göni demirgazyga gitmän, Polýar aýlawynyň ugry bilen (eger-de şeýle deňeşdirmek bolýan bolsa) günbatarlygyna barýardy. Leýtenant Uly Aýy kölüniň iň çet gyrasynda gurlan Konfidans fortuna tizräk ýetmäge howlugýardy. Aýazly howanyň birnäçe günläp saklanmagy onuň işini ýeňilleşdirdi. Öňünden hiç hili päsgelçilik çykmansoň, topar gaty çalt ýöreýärdi. Olar ullakan kynçylyk görmän 30-njy maýda faktoriýa geldiler.

Makkenzi derýasynyň boýunda esaslandyrylan Konfidans we Ýagşy Umyt fortlary şol mahallar Gudzon Aýlagy şereketiniň iň demirgazykda ýerleşen fortlarydy. Uly Aýy kölüniň sag kenarynda ýerleşen Konfidans forty özüniň ýerleşişi babatynda uly ähmiýete eýedi. Kölüň gyşyna doňýan, tomsuna bolsa asuda suwy kölüň günorta kenarynda gurlan Franklin forty bilen aragatnaşyk etmek üçin örän amatlydy. Bu ýokary giňişliklerde aw edýän indeýler bilen alyş-çalyş etmekden başga-da, bu faktoriýalaryň ikisi, hasam Konfidans forty Uly Aýy kölüniň kenarlaryny we suwlaryny pugta gözegçilikde saklaýardy. Misli «Orta ýer deňzi» ýaly bolup duran bu köl geografik giňişligiň we uzaklygyň birnäçe gradusynda ýaýlyp ýatyrdy. Onuň täsin öwrümleri emele getirýän kenarlary kölüň ortasynda biri-birine ýakynlaşýar hem-de iki sany ýiti burny emele getirýär, kölüň demirgazyk böleginiň şekili bolsa düňderilen üçburçlygy ýada

salýar. Kölüň umumy görnüşi bolsa haýsydyr bir uly haýwanyň ýere ýazylan, kellesi ýok derisine meňzeýär.

Konfidans forty ol «haýwanyň derisiniň sag penjesinde» ýerleşýär. Ondan Täç geýdirme aýlagyna çenli aralyk iki ýüz mile hem ýetenok. Amerikanyň demirgazyk kenarýakasynyň güýçli dilkawlanandygy sebäpli munuň ýaly aýlaglary emele getirýän goltuklaryň san-sajagy ýok. Şeýlelikde, bu fort Polýar aýlawyndan birneme ýokarda ýerleşýär, ýöne ol Gudzon aýlagy şereketiniň aňyrsyndan täze faktoriýa gurmak isleýän ýetmişinji parallelinden üç gradus töweregi aşakdady.

Öz gurluşy boýunça Konfidans fortunyň günorta faktoriýalardan birjik-de tapawudy ýokdy. Ol serkerdeler üçin ýaşaýyş jaýyndan, esgerler üçin otaglardan hem-de deri ammarlaryndan ybaratdy. Jaýlaryň hemmesi agaçdan gurlup, olaryň daşyna ýere gazyklanan agaç haýat aýlanandy. Forta baştutanlyk edýän kapitan bu wagt ýok ekeni. Ol indeýleriň we esgerleriň birnäçesini ýanyna alyp, sütükli haýwanlara baý bolan täze ýerleri gözlemäge gündogar tarapa gidipdir. Geçen möwsüm fort üçin şowsuz bolupdyr. Gymmatbaha deriler kän alynmandyr. Köl gapdalda bolansoň gunduz derileri bolelin ýygnalyp, şonuň bilen beýleki derileriň öwezi doldurylypdyr. Bu derileriň ählisi Günortadaky merkezi faktoriýalara iberilipdir, şonuň üçin hem bu mahal Konfidans fortunyň ammarlary boş taňkyrap ýatyrdy.

Jasper Gobsony fortuň baştutany bolan kapitanyň deregine, ol ýokka forta ýolbaşçylyk edýän seržant garşylady. Bu kiçi serkerde seržant Longuň gaýyn tarapyndan bolup çykdy. Ol faktoriýany tutuşlygyna leýtenantyň ygtyýaryna berdi. Leýtenant hem öz ýoldaşlaryna az-kem dynç bermek maksady bilen, bu ýerde iküç gün eglenmegi müwessa bildi. Adamlaram, itlerem şobada oňaýly ýerleşdirildi. Esasy jaýyň iň gowy otagyny, elbetde, missis Barnete berdiler. Ol seržant Feltonyň özüne şeýle hormat etmegine juda hoşal boldy.

Jasper Gobson Feltondan ilki bilen demirgazyk indeý

taýpalarynyň haýsy biriniň bu mahallar Uly Aýy kölüniň kenarlarynda aw edýändigini sorady.

— Aw edýän taýpalar bar — diýip, Felton jogap berdi. — Golaýda bize kölüň demirgazyk kenarynyň beýleki öňe çykyp duran böleginde Indeýler towşanlaryň düşelgesiniň görlendigini habar berdiler.

— Ol düşelge fortdan näçeräk daşlykda? — diýip, Jasper Gobson sorady.

— Otuz mil töweregi daşlykda — diýip, seržant jogap berdi. — Siz olar bilen duşuşmak isleýäňizmi?

— Men olar bilen hökman duşuşmaly — diýip, Jasper Gobson tekrarlady. — Ol indeýler maňa Buzly umman bilen serhetleşýän Baterst burnuna çenli uzalyp gidýän ýerler barada möhüm maglumatlary aýdyp bilerler. Burnuň töweregindäki ýerler oňaýly bolsa, men ol ýerde täze faktoriýany guraryn.

— Beýle bolsa, leýtenant, Indeý-towşanlaryň düşelgesine barmagyň hiç hili kynçylygy ýok — diýip, Felton jogap berdi.

— Ol ýere kenaryň ugry bilen gitmelimi?

— Ýok, suw bilen gönüläp gitmeli. Bu mahal suw buzlardan saplandy, şemalam ugurdaş. Biz siziň ygtyýaryňyza gämijigimizi hem-de ony sürer ýaly deňizçini bereris, siz birnäçe sagatdan ol ýere baryp bilersiňiz.

— Sag boluň, seržant — diýip, Jasper Gobson hoşallyk bildirdi. — Men siziň aýdyşyňyz ýaly ederin, siz garşy bolmasaňyz ertir irden…

— Gözel göwnüňiz, leýtenant — diýip, seržant Felton jogap berdi.

Indeý-towşanlaryň düşlegine ertir irden gitmek kararyna gelindi. Bu barada eşiden missis Barnet hem gitmäge höwesek boldy, elbetde, Jasper Gobson onuň özi bilen gitmegine

keýpihon razylyk berdi.

Ýöne ertire çenli hem nämedir bir zada güýmenmelidi. Missis Barnet, Jasper Gobson, Mej, missis Mak-Nap, missis Jolif dagyny, onsoňam esgerleriň birnäçesini ýanyna alyp, Felton kölüň kenaryna gezelenje ugrady. Kenarda ösümlik ýok däldi. Onuň gary erän eňňitlerinde şotland sosnasynyň tohumyndan bolan hwoýaly agaçlar gök öwsüp otyrdy. Beýikligi kyrk fut töweregi bolan bu agaçlar soňsuz gyş gijelerinde fortuň ýaşaýjylaryny ýangyç üçin ýeterlik mukdarda odun bilen üpjün edýärdi. Bu agajyň çygar çybyklary gür ösen ýogyn şahalary üýtgeşik bir çalymtyl reňklidi. Goýy saýaly, dikligine gyradeň ösen bu agaçlar edil suwuň alkymyna çenli barýardy, ýöne topbak-topbak bolup duran bu birmeňzeş agaçlar tebigata üýtgeşik bir gözellik bermeýärdi. Bu tokaýjyklaryň arasy aksowult öwüsýän gyrymsy ot bilen örtülipdi. Ol otlardan käkilik otuňky ýaly ýakymly ys bark urýardy. Seržant Felton öz myhmanlaryna bu hoşboý ysly otuň bu ýerde «ladan ( Ladan – dini däp-dessurlar geçirilende ýakylýan ýakymly ysly şepbeşik jisim.) oty» diýlip atlandyrylýandygyny, oda oklanyňda onuň, hakykatdanam, öz adyna mynasypdygyna göz ýetirmek bolýandygyny gürrüň berdi.

Syýahatçylar fortdan birnäçe ýüz ädim daşlaşyp, daşyny gurşap alan belent granit gaýalary arkaly kölüň tolkunlaryndan goralgy duran tebigy goltuga geldiler. Bu goltuk Konfidans fortunyň harby gämi birikmesine duralga bolup hyzmat edýärdi. Dogry, bu birikmäniň ähli gämisi ýekeje gämijikden ybaratdy. Ol gämijigem ertir irden Jasper Gobson bilen missis Barneti indeýleriň düşelgesine äkitmelidi. Bu ýerden ümmülmez uzaklyklar göz öňüňde açylýardy: tokaý tutan baýyrlar, egrem-bugram bolup gidýän, her ýerde böwür berip, kiçijik goltuklary emele getirýän kenar, ýüzi buldurap duran, käýerlerinde ýüzüşip ýören buzlaryň sudury görünýän köl bu ýerden eliň aýasynda ýaly bolup görnüp durdy. Günorta tarapa garasaň, gözýetimiň asman-zemin bilen tapyşyp, töwerekleýin aýlanyp duran çägi, Günüň gözüňi gamaşdyryp barýan şöhleleri bilen

utgaşyp, öňüňde köl dal-de, hakyky deňiz durandyr diýdirýärdi.

Aýy kölüniň ägirt uly ummany ýada salýan giňiş suwy, granit harsaň daşlary düňderilişip ýatan, iri çagyl daşlaryna basyrylan kenary, ot basan, üsti agaçly depeleri bu ýeriniň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň örän köpdürlidiginden habar berýärdi. Kölüň üstünde ördekleriň her dürli görnüşleri, tüňňeleler, ( Tüňňele – başgaça gaga, gymmatbaha perli, suwa çümýän polýar ördegi.) sakgarjalar, jünekeýler, jürrejeler, elmydama çüňklerini açyp ýüzýän gykylykçy garryördekler gaty-gaty gagyldaşyp ikibaka ýüzýärdiler. Ýüzlerçe çistikler we tupikler ýokarda gaýda-gaýmalaşyk bolşup, dürli tarapa uçýardylar. Agaçlaryň aşagynda laçynlaryň bir görnüşi bolan ullakan suw bürgütleri ( Suw bürgütleri – başgaça orlan, bu guş eserde görkezilişi ýaly laçynyň görnüşi bolman, gyrgylar maşgalasyna degişli iri ýyrtyjy guşdur. Ol uly suwlaryň töwereginde mesgen tutup, esasan, balyk bilen iýmitlenýär.) gedemlik bilen gezmeleýärdiler. Olaryň boýy iki futa ýetip, garnynyň aşagy küljümek-çal, penjeleri we çüňki gök, gözleri mämişi reňkdedi. Bu guşlaryň şahalaryň haçjalarynda suw otlaryndan guryan höwürtgeleri juda mähnet. Sebine bu uly guşlaryň iki sanysyny atyp urmak başartdy. Olaryň ganatlarynyň gerimi alty futa ýetýärdi. Bu balyk bilen iýmitlenýän göçüp-gonýan guşlar gyşyna sowukdan gaçyp, Meksika aýlagynyň kenarlaryna barýarlar, tomsuna bolsa olar Demirgazyk Amerikanyň iň ýokary giňişliklerinde ýaşaýarlar.

Biziň syýahatçylarymyzy gözleriniň alnynda alnan gunduz derisi hasam gyzyklandyrdy. Gunduz sütüginiň bahasy birnäçe ýüz rubla ýetýärdi. Bu seýrek jandarlaryň derisi birmahallar Hytaýda hem gaty gymmat bahalanýardy. Ýöne soňky döwürde Hytaýda olara bolan isleg peseldi, ýöne Russiýanyň bazarlarynda ol henizem örän geçginli harytdy. Ol ýerde gunduz derisi ýere degrilmän alynýardy, bahasam juda gymmatdy. Täze Kornuollisden tä Buzly ummanyň kenarlaryna çenli baryp, söwda edýän rus täjirleri deňiz gunduzyny uly höwes bilen alýardylar, şonuň üçin hem bu jandar gitdigiçe seýrekleşip barýardy. Olar awçylardan

gutulmak üçin has uzaklara göçýärdiler, şonuň üçin hem gunduz diňe Kamçatkanyň kenarlarynda hem-de Bering adalygyna degişli adalarda henizlerem görünýärdi.

Bu maglumatlary öz myhmanlaryna gürrüň berip duran seržant Felton:

– Ýöne azaldy diýip, amerikan gunduzlaryny awlamakdan eliňi sowaşdyrmaly dälmikä diýýän. Ynha, şu Uly Aýy kölüniň kenarýakasynda gezýän gunduzlaryň her biri iki ýüz elli, üç ýüz franka ( Frank – Fransiýanyň, Belgiýanyň, Şweýsariýanyň, Lýuksemburgyň pul birligi.) geçýär – diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Dogrudanam, kölüň suwunda gizlenýän gunduzlaryň owadanlygy haýran galdyrýardy. Şeýle gunduzlaryň birini seržantyň özi atyp urdy. Ol Kamçatkada tutulýan gunduzlardan birjik-de peslär ýaly däldi. Onuň penjeleri perdeli keltejik aýaklary bardy, uzynlygy bolsa burnundan guýrugynyň ujuna çenli iki ýarym futdy, uzyn, lowurdap duran, ýumşak tüýli goňur derisiniň arka tarapy birneme garamtyl, garnynyň aşagy bolsa açygrak öwüsýärdi.

Leýtenant Gobson:

– Aw şowlady! – diýdi-de, missis Barnete owadan sütügini görkezmek üçin, awlanan haýwany onuň ýanyna getirdi.

– Hawa, mister Gobson, bu gezek şowlady – diýip, seržant Felton hem dillendi. – Her gün şunuň ýaly ýekeje deri alyp bilsegem, zeýrenip oturmazdyk! Olary awlamak gaty kyn, nyşana alyp oturansyň welin, suwa çümer-de zym-zyýat bolaýar, soňam allowrradan çykar, olar gaty çalasyn ýüzýärler, suwa çümenlerinem görüp ýetişip bolanok! Gunduzlar gije awa çykýarlar, gündiz bolsa olar agajyň köwegindäki ýa-da gaýanyň jaýrygyndaky öýlerinden känbir çykmaýarlar, olary iň bir köpi gören awçy hem aňsat-aňsat tapyp bilenok.

– Olaram ýuwaş-ýuwaşdan azalyp barýan bolsa gerek? – diýip,

missis Barnet sorady.

– Hawa, hanym – diýip, seržant jogap berdi. – Olaryň bu seýrekleşip barşy bilen, şereketiň girdejisi hem gaty peselse gerek. Awçylaryň hemmesine bularyň derisi gerek, hasam biziň esasy bäsdeşlerimiz bolan amerikalylara gerek. Siz ýolda gelýärkäňiz, amerikan şereketleriniň gullukçylaryna gabat gelen dälsiňiz-dä hernä?

– Ýok, hiç kime gabat gelmedik – diýip, Jasper Gobson jogap berdi. – Olar näme, munuň ýaly ýokary giňişliklere hem gelýärlermi?

– Gepem şonda-da, ol aldajylar bärik geläýseler, gaty hüşgär bolaýmasaň, jürüňi dikerler!

– Ol gullukçylar uly ýoly saklap oturan garakçylar däl ahyry! – diýip, missis Barnet öz pikirini aýtdy.

– Garakçy bolup, garakçy däl, ýöne gaty howply bäsdeş – diýip, seržant hem jogap berdi. – Aw az bolanda, awçylar atylan bir jandaryň üstünde eline tüpeň almakdanam gaýdanoklar. Men bir zady aýdaýyn, eger-de şereketiň bu tutumy ugrugaýsa, size hem yklymyň demirgazyk künjünde fort gurmak başardaýsa, ynanaýyň şuňa, amerikanlar derrew o ýere-de barar.

– Zeleli ýok, barsalar barybersinler, aw üçin meýdan gytçylygy ýok, hemmä ýeter – diýip, leýtenant giňlige saldy. – Biz bir öňüni başlaly! Aýagymyz ýer tutýarka-ha öňe gideris, galanynam Biribaryň özi oňarsyn!

Üç sagatlap aýlanansoňlar myhmanlar ýene Konfidans fortuna dolanyp geldiler. Uly zalda giňden ýazylan saçakda balyklardan, täze tutulan aw etinden dürli nazy-nygmatlar olara garaşyp durdy. Fortuň ýaşaýjylary myhmanlary kemini goýman hezzetlediler. Nahardan soň ep-esli wagt gürrüň edilip oturyldy, şonluk bilenem, bu gün tamamlandy, onsoň myhmanlar ýerli-ýerlerine geçip, rahat uka gitdiler.

Ertesi gün, 31-nji maýda missis Barnet bilen Jasper Gobson ir sagat bäşde eýýäm aýak üstündediler. Leýtenant bu güni indeýleriň düşelgesine gitmäge hem-de olardan özüne zerur maglumatlary almaga sarp etmegi ýüregine düwüpdi. Ol Tomas Bleke hem özleri bilen gitmegi teklip etdi, ýöne astronom fortda galanyny kem görmedi. Ol käbir astronomiýa barlaglaryny geçirmelidi hem-de Konfidans fortunyň ýerleşýän giňişligini we uzaklygyny kesgitlemelidi. Şeýlelikde, missis Barnet bilen Jasper Gobson ýekeje ýolbelediň, köp ýyllardan bäri şereketiň gullugynda duran goja deňizçi Normanyň kömegi bilen kölden ýüzüp geçmelidiler.

Seržant Felton ýolagçylaryň ikisini hem kiçijik gonalga getirdi. Ol ýerde goja Norman olara öz gämijiginde garaşyp durdy. Bu gapaksyz beýlekisiz gämijik, balyk tutulýan ýönekeýje gaýykdy, ol kuterler ( Kuter – bir adamlyk ýaryş gaýygy.) ýaly enjamlaşdyrylandy, şonuň üçin hem ony bir adam aňsatlyk bilen sürüp bilýärdi. Howa asudady. Ýüzmek üçin oňaýly demirgazyk-gündogardan ýeňiljek şemal ösýärdi. Seržant Felton myhmanlary bilen hoşlaşdy, özüniň olaryň ýany bilen gidip bilmeýändigi üçin ötünç sorady, onuň kapitanyň ýoklugynda fortdan çykmaga haky ýokdy. Labyry göterdiler hem-de gämijik sag tarapyny şemala tutup, kölüň sowuk suwunyň üstünden çaltlyk bilen ýüzüp gitdi.

Dogrudanam, bu syýahat ýönekeýje gezelençdi, ýöne ol gezelenç bolsa-da, gaty ajaýyp gezelençdi. Goja deňizçi, megerem, dymma adam bolarly, ol gämijigiň yz tarapynda elini deste goýup sesini çykarman otyrdy. Missis Barnet bilen Jasper Gobson gapdal sekilerde oturyp, öz öňlerinde açylan gözel görnüşleri synlaýardylar. Gämijik Uly Aýy kölüni demirgazyk kenarynyň ugry boýunça göni kesip geçýärdi. Ol kenardan üç mil töweregi aradaşlykda saklanýardy. Bu aralykdan onuň günbatara eňňit edýän beýik baýyrlary gowy görünýärdi. Kölüň demirgazyk-günbatar tarapy tep-tekiz düzlükdi, ol tarap hem eliň aýasynda ýaly görnüp durdy. Kenarýakasyndaky ýerler kölüň kert kenaryndan düýpli tapawutlanýardy. Aňyrrakda daşyny ýaşyl

öwüsýän ýel ( Ýel — sosnalar maşgalasyna degişli, başy süýrelip gidýän, uzyn gozaly hemişe gök öwüsýän pürli agaç.) agaçlary gurşap duran Konfidans forty seleňläp görünýärdi. Häzir diňiň ýokarsyndaky şereketiň pasyrdap duran baýdagy hem saýgardýardy. Kölüň günorta we günbatar tarapynyň suwlarynyň käýerleri gyýak düşýän Gün şöhlesine ýaldyraýardy, eredilen gurşuna meňzeş üýşmek aýsbergler gözüňi gamaşdyryp barýardy. Gyş aýlarynda burjy baglan kölüň buzlaryndan nam-nyşan galmandy, diňe käýerlerde ýüzüp ýören buz daglary eremän galypdyr. Olar ýere ýagtylyga garanyňda has köp ýylylyk saçýan, indi ertirden-agşama çenli hasam uzyn aýlaw edýän çogly Günüň kuýaşlaryna garşylyk görkezip, eremezlige çalyşýan ýalydylar.

Missis Barnet bilen Jasper Gobson ony-muny ýatlaşyp, bu ülkäniň täsin tebigatynyň özlerinde galdyrýan täsiri hakda pikir alyşýardylar. Gaýyk bolsa kölüň asuda suwuny çalaja tolkundyryp, çaltlyk bilen öňe barýardy.

Olar ir sagat altyda ugrap, eýýäm dokuzda özleriniň barýan demirgazyk kenarlaryna ep-esli golaýlaşdylar. Indeýleriň düşelgesi Uly Aýy kölüniň demirgazyk-günbatar böleginde ýerleşýärdi. Goja Norman öz gämijigini indeýleriň düşelgesiniň gabadyna getirip, kenaryň gyrasyndaky pessejik gaýanyň kert zawynyň ýanynda labyr taşlanda, sagat on hem bolmandy.

Leýtenant bilen missis Barnet towsup kenara düşdüler. Indeýleriň birnäçesi ylgaşyp olaryň öňünden çykdylar. Indeýleriň arasyndaky, ýelekler bilen mazaly bezelen adam olaryň serdarydy. Ol patdyk-putduk iňlisçeläp olary mübärekledi.

Indeý-towşanlar hem edil Indeý-gyzyl tenler, Indeý-suwitileri ýaly çippeweý taýpasyna degişlidi, şonuň üçin hem olar geýim-gejim babatynda-da, däp-dessurlary boýunça hem biri-birinden känbir tapawutlanmaýardylar. Onuň üstesine hem olar faktoriýalar bilen elmydama aragatnaşyk saklap duransoňlar, mümkingadar «iňlisleşipdiler». Olar özleriniň aw edip alan

oljalaryny durmuş üçin zerur bolan zatlara çalyşýardylar, şonuň üçinem olar soňky döwürlerde özlerine gerek-ýarak zatlary özbaşdak taýýarlamagy düýbünden taşlapdylar, ussaçylygy, hünärmentçiligi düýbünden ýatdan çykarypdylar. Indi bu indeýler şereketiň garamagynda duryan ýalydylar, olaryň durmuşy köp babatda şerekete baglydy, onsuz oňup bilenokdylar, şonuň üçin hem olaryň özlerine mahsus alamatlary ýitirip barýandyklaryny geňläp oturasy zat ýokdy. Ýewropalylar bilen gatnaşyklaryň täsirine düşmedik, bu ýerleriň hakyky eýelerini görmek üçin eskimoslar ýaşaýan has ýokary giňişliklere barmak gerek. Eskimoslar bilen grenlandlylar, ana şolar polýar ülkeleriň hakyky perzentleri.

Missis Barnet bilen Jasper Gobson kenardan ýarym mil uzaklykda ýerleşen Indeý-towşanlaryň düşelgesine ugradylar. Şol ýerde olar otuza golaý ýerli milleti – çagalary, aýallary, erkek adamlary gördüler. Olar kölüň ýakalarynda balykçylyk, aw etmek bilen eklenýärdiler. Bu indeýler Amerika yklymynyň demirgazyk sebitlerinden ýaňy-ýakynda dolanyp gelipdiler, şonuň üçinem olar Jasper Gobsona ýetmişinji paralleliň deňizýaka sebitleriniň ýagdaýy barada ujypsyzja bolsa-da, käbir maglumatlary aýdyp biljekdiler. Leýtenant olardan polýar deňiz ýakalarynda ýewropalylaryňam, amerikalylaryňam hiç hili toparynyň özlerine gabat gelmändigini, şeýle hem ýylyň bu mahallary Buzly ummanyň suwlarynyň doňunyň çözülendigini uly gyzyklanma bilen eşitdi. Gobsonyň mesgen tutmak isleýän Baterst burny barada aýdanymyzda bolsa, Indeý-towşanlar ol ýerini bilmeýän ekenler. Indeýleriň serdarynyň aýtmagyna görä, Uly Aýy kölünden ol burna çenli gidýän ýerleriň geçmesi gaty kyn bolarly, häzir köllerdäki, derýajyklardaky buzlaryň eränligi sebäpli ol ýerlere barar ýaly däl ekeni. Ol leýtenanta kölüň demirgazyk-gündogar gyrasyndan gidip, Koppermaýn derýasynyň akymy boýunça düşmegi hem-de ol ýerden gönüläp deňiz kenaryna çykmagy maslahat berdi. Şeýle edilse topara Buzly ummanyň kenarýakasyny syryp gitmek aňsat bolar, ol ýerde leýtenantyň özi göwün söýen ýerinde saklanyp biler. Jasper Gobson indeý serdaryna hoşallyk bildirdi, oňa birnäçe

sowgat berip, onuň bilen hoşlaşdy. Soňra ol missis Barnet bilen düşelgäniň töwereklerine aýlanmaga gitdi. Olar günortan sagat üçlerde gaýyga dolanyp geldiler.

## DOKUZYNJY BAP

### Kölde gopan harasat

Goja deňizçi öz ýoldaşlarynyň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Bir sagat mundan ozal howa gyýgyny ajadyp ugrapdy. Asmanyň birden tutuksylanmagy, şemaldyr buluda bakyp, howanyň rejesini aňmagy başarýan bu adamy alada goýman biljek däldi. Gün goýy ümürligiň aňyrsynda gizlenipdi, bulutlaryň arasyndan onuň şöhleleri geçip bilmän, diňe öçügsi sudury agaryp görünýärdi. Şemal gowşady, ýöne kölüň günorta tarapyndan tolkunlaryň güňleç sesi eşidilýärdi. Howanyň bulaşjagynyň bu alamatlary, ýokary giňişliklere mahsus bolşy ýaly, duýdansyz ýüze çykdy.

Goja Norman ýere gaçaýjak bolup duran bulutlara aladaly seredip durşuna:

– Bolaweriň, leýtenant, tizräk ugralyň! – diýip, howsalaly gygyrdy. – Bir minudam ýitirmän ugralyň, asmanyň ýüzi gitdigiçe gamaşýar.

– Dogrudanam, ol hälkisi ýaly-ha däl – diýip, Jasper Gobson seslendi. – Missis Barnet, ikimiz howanyň üýtgänini hem duýmandyrys!

– Harasat turar öýdüp gorkýaňyzmy? – diýip, syýahatçy zenan Normana ýüzlendi.

– Hawa, hanym – diýip, goja deňizçi oňa jogap berdi. – Aýy kölünde turýan harasat bilen oýun etmeli däl. Bäriniň gaý-tupany Atlantik ummanynyňka gaýra dur diýýä! Gaýa-gopuz ýok ýerden asmany tutan bu duman oňlulygyň alamaty däl. Ýöne harasadyň ýene üç-dört sagatdan turmagam ahmal, biz onýança Konfidans fortuna ýeteris. Ýöne bilimizi bek guşamasag-a

bolmaz, ýogsa gämimiz, hanha, hol suwuň ýüzüne çykyp duran daşlar ýaly harsaňlara urlar.

Leýtenant bu zatlary özüne görä has gowy bilýän Normanyň aýdýanlaryna däl diýmedi. Goja deňizçi bu kölden kän wagt bäri gatnap ýördi, ol beýle ýagdaýlary şu gün görmeli däldi, şonuň üçin hem onuň tejribesine bil baglamalydy. Missis Polina Barnet bilen Jasper Gobson dessine gaýyga mündüler.

Ýöne goja Norman labyry göterip, destiň başyna geçensoňam, bir zatlary ýüregi syzan ýaly, burnuna salyp:

– Ýa tupan sowulýança garaşsak gowy bolarmyka? – diýip hümürdedi.

Onuň sözleri gulagyna ilen Jasper Gobson destiň başynda oturan goja howatyrly seretdi. Leýtenantyň bir özi bolanlygynda, ol sähel salymam ikirjiňlenmän giderdi, ýöne häzir ol ýeke däldi. Missis Polina Barnetiň ýanyndalygy, ondan ägä bolmagy talap edýärdi. Syýahatçy zenan onuň näme sebäpli ikirjiňlenýändigini aňdy.

– Mister Gobson meni alada etmäň, meni ýok hasap ediň. Norman ýaly köpi gören deňizçi gitmeli diýýän bolsa, eglenmän gideliň.

– Onda näme! Gitmeli bolsa gideliň! – diýip, labyry ýygnap duran Norman gaýtalady. – Forta barýan iň gysga ýoldan gönüläp gideris!

Gämijik kenardan daşlaşyp ugrady. Ýöne ýene bir sagatdanam, ol känbir ýol öndürmedi. Köwsarlap, ugruny üýtgedip duran şemal, bogaldaga şaplap urulýan ýelkeni çişirip bilenokdy. Ümür bolsa barha goýalýardy. Gaýyk iki ýana güýçli çaýkanýardy, sebäbi tupanyň ýetip gelýändigini howadan öň duýýan kölüň tolkun atmasy güýçlenip başlapdy. Ýolagçylar sesini çykarman otyrdylar, goja deňizçi bolsa pökgerip duran gözleri bilen gözedürtme dumanlyga siňe-siňe seredýärdi. Megerem, Norman näme başa düşende-de çekmäge taýýarlanýardy, ol ýel duýdansyz

geläýse, gowşatmak üçin ýelkenleriň etek ýüpüni elinde pugta saklaýardy.

Ýöne häzirlikçe tebigatyň gara güýçleri entek zoruny görkezenokdy, gaýyk birneme çalt ýöränliginde hemme zat gülala-güllük bolubam sowuljakdy. Emma bir sagat geçensoňam, olar indeýleriň düşelgesinden iki mil hem daşlaşyp bilmediler. Onuň üstesine hem gury ýerden ösýän şemal olaryň gaýygyny bilgeşleýin edýän ýaly terse äkidýärdi, indi ümüriň içinde kenar zordan saýgardýardy. Bu ýagdaýyň oňlulyga eltmejegi görnüp durdy, şemal şeýdip demirgazykdan ösüp dursa, Norman kenara ýakynrak saklanjak bolup näçe jan edende-de, tolkunlaryň güýjüne döz gelip bilmeýän ýeňiljek gaýygyň kölüň ortasyna barjakdygy görnüp durdy.

– Biz halys ýerimizden gozganamzok öýdýän – diýip, leýtenant goja deňizçä ýüzlendi.

– Hawa, mister Gobson, hiç ýöräp bilemzok – diýip, deňizçi jogap berdi. – Ýel birsydyrgyn ösenok, ol ahyrsoňy ymykly bir tarapa ösüp başlaýsa-da, bize gerek ugurdan ösmezmikä diýip gorkýan. Şoň ýaly bolaýsa – diýip, ol elini günorta tarapa salgap goýberdi-de – biz Konfidans fortuna derek, Franklin fortuna bararys! – diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

– Onuň ýaly bolsa, biziň gezelenjimiz hasam uzaga çeker, köp ýeri göreris – diýip, missis Barnet degişmä saldy. – Siziň bu Aýy kölüňiz gaty täsin, onuň demirgazygyndan günortasyna ýüzeniň özem köp zada degýär! Franklin fortundan dolanyp gelse bolýandyr-a, şeýle dälmi, Norman?

– O ýere bir baryp bolsa, gaýdybam bolar, hanym – diýip, goja Norman jogap berdi. – Ýöne bu ýerde bir tupan turup başlansoň, on bäş günden bärde goýanok. Ykbal bizi günorta kenardan çykaraýsa, mister Gobsony Konfidans fortuna bir aýdan öň eltip biljegime, özüm-ä güwä geçip biljek däl!

– Be-e, munuň ýaly bolsa işler pyrryk! – diýip, leýtenant allaniçigsi boldy. – Beýle kän eglensek, biziň etsem-

goýsamlarymyzyň petine gar ýagar. Halypa jan, gaýrat et, gerek bolsa yzymyza, demirgazyga öwür welin, bir alajyny tapaweri. Missis Barnet hem ýigrimi-ýigrimi bäş mili pyýada geçmekden çekinip durmazmyka diýýän.

— Wah, näsini aýdýaň, mister Gobson — diýip, Norman jogap berdi. — Ýagdaýyny tapsam häzir dolanjak, ýöne indi bu hezil bermezmikä diýýän. Görüp dursuňyz-a, demirgazykdan ösýän ýeliň gitdigiçe güýçlenýändigini. Indi diňe demirgazyk-gündogara gitjek bolmaly, eger-de ýel gazabyna tutmasa, belki, aman-sag bararys.

Ýöne sagat bäşiň ýarlarynda, tupanyň alamatlary aýdyň görnüp ugrady. Asmandan nähilidir bir şuwwuldylar eşidilip ugrady. Atmosfera sebäplerine görä howanyň ýokarky gatlaklarynda saklanýan ýel entek kölüň ýüzüne düşmändi, ýöne ol haçan başlasa başlaýmalydy. Dumanlygyň içinden uçup barýan guşlaryň gorkuly sesleri eşidilýärdi. Birdenem dumanlyk bölek-bölek bolup syryldy. Onuň arasyndan gara tüsse ýaly lemmer-lemmer bolşup, günorta tarap gaty çaltlyk bilen haýdaşyp barýan bulutlar göze kaklyşdy. Goja deňizçiniň howatyrlanmasy ýöne ýerden däl ekeni. Ýel demirgazykdan ösýärdi, onuň tiz wagtdan harasada öwrüljegine şek-şübhe ýokdy.

Norman gämi ýüzüni ýele garşy öwrer ýaly etek ýüpleri çekip, ruly öwrüp durşuna:

— Seresap bolaweriň! — diýip gygyrdy.

Harasat turdy. Gaýyk ilki gapdala gyşardy, soňam dikelip, ägirt uly tolkunyň gerşine çykdy. Şu pursatdan başlap, köl däli deňiz kibi möwç urup başlady. Köl deňiz ýaly çuň däldi, şonuň üçin hem tolkunlar onuň düýbüne urlup, aýylganç güýç bilen ýokarlygyna çyrpynýardylar.

— Kömek ediň! Kömekleşseňizläň! — diýip, goja deňizçi ýelkeni sypdyrjak bolup gygyrdy.

Jasper Gobson, onuň yzysüre missis Barnetem Normana kömek

etmek üçin okduryldylar, ýöne olaryň ullakan kömegi degmedi, çünki olar gäminiň nädip dolandyrylýandygyndan bihabardylar. Bogaldagyň ýokary çetindäki urgan bir zada ilişip, halys sypmaýardy, şonuň üçinem ýelkeni düşürip bolanokdy, Norman bolsa destden elini aýryp bilenokdy. Gaýyk haçan agdarylsa agdarylaýmalydy, suw gomlarynyň birnäçesi eýýäm onuň üstünden aşypdy. Gar gatyşykly sowuk ýagyş guýup başlady, tupanam möwjäp, tolkunlaryň ýokarsyny çyrpyp alýardy-da, asmana göterýärdi.

— Ýelkeniň urganyny kesiň! Çaltrak kesseňizle! — diýip, goja deňizçi tupanda sesini eşitdirjek bolup, bogazyna sygdygyndan gygyrdy.

Normanyň kellesindäki başgaby ýele uçup gidipdi. Ol bedreden guýulýan ýaly bolup ýagýan jaladan ýaňa gözüni açyp bilmesede, pyçagyny alyp, arfanyň kirşi ýaly dartylyp duran urgany kesdi. Ýöne öl-myžžyk bolup çişen tanap çarhyň mykrazyndaky ötükden geçip bilenokdy, şonuň üçin hem keleten ( Keleten — urganlary çekmek arkaly aňsatlyk bilen üýtgedilýän, gämileriň bogaldagyndaky kese agaç.) bogaldagyň ujunda öňküsi ýaly sallanyp durdy.

Ahyry bolmansoň Norman biderek ýere arrygyňy gynamagyň geregi ýok diýip pikir etdi hem-de takdyra ten berip, şemalyň ugruna ýüzmek kararyna geldi. Beýle ýüzmek gaty töwekgelçilikdi, çünki tolkunlaryň tizligi gaýygyňkydan has ýokarydy, ýogsa ýel ýeňiljek gaýygy Uly Aýy kölüniň günorta kenarlaryna-da alyp barýardy!

Jasper Gobson bilen oňa hemdem bolan edermen zenan öz üstlerine nähili howp abanandygyna göz ýetirdiler. Köneje gaýyk gomlaryň şatysyna uzak çydap biljek däldi. Ol döwlüp çagşamaly ýa-da agdarylmalydy. Onuň üstündäki görgülileriň takdyry indi diňe Biribaryň elindedi.

Onda-da leýtenantam, missis Polina Barnet hem ruhdan düşmeýärdiler. Olar dabanyndan depesine çenli tolkunlaryň

sowuk suwuna süllümmaý ezilipdiler, buz ýaly sowuk şemal bolsa içlerinden geçip barýardy, onda-da olar iki elleri bilen oturan sekileriniň erňeginden pugta ýapyşyp, öz daşlaryny gurşap alan dumanlyga ünsli seredýärdiler. Ýer indi gözden ymykly ýitipdi. Gaýykdan bir kabeltow ( Kabeltow – 0,1 mile ýa-da 185,2 metre barabar deňizde ulanylýan uzynlyk ölçegi.) aralykda bulutlaram, kölüň suwam bir bütewi gara sudur bolup durdy. Syýahatçylar wagtal-wagtal haraý isläp goja Normana seredýärdiler, ol bolsa hyrçyny dişläp, saňňyldaýan elleri bilen deste pugta ýapyşyp, henizem gaýygy ýele tarap öwürjek bolup jan edýärdi.

Ýene biraz wagtdan harasat ýetjek derejesine ýetdi, indi gaýygy hiç ýaňa gönükdirmek mümkin däldi. Onuň burny gomlara urlup-urlup, ahyrsoňy kül bolmalydy. Gaýygyň daşky örtüginiň käýerleri açylyp ugrapdy, ol tolkunyň gerşinden güwläp aşaklygyna inende indi ýokary çykmaz diýdirýärdi.

– Näme bolsa-da öňe gitmeli! Öňe, diňe öňe! – diýip, goja deňizçi hümürdeýärdi.

Ol desti aýlap etek ýüpi goýberdi-de, gämisini göni günortalygyna gönükdirdi. Ýelken dessine çişdi hem-de gämijik örän uly tizlik bilen öňe ýüzdi. Ýöne ägirt uly gomlar gaýykdan has ýyndamdylar, ugurdaş ýel bilen çalt ýüzmegiň esasy howpy hem şundady. Suw häli-şindi gaýygyň erňeginden agyp, içine dolýardy, indi oňa hiç hili çäre ýokdy. Onuň içi tiz wagtdan suwdan dolýardy, gark bolmazlyk üçin ony üznüksiz susup durmalydy. Olar kenardan daşlaşyp, kölüň ortasyna golaýlaşdyklaryça tolkunlar hasam möwjeýärdi. Gury ýerdäki ýaly öňünden hiç hili depe, tokaý ýa-da gaýry bir päsgelçilik çykmansoň, harasat suw giňişliginde bolmajysyny bolýardy. Kämahallar dumanyň arasyndan, edil gämi ýaly bolup, tolkunlaryň üsti bilen günorta tarapa atylyp ýüzüp barýan ägirt uly buzdaglar görünýärdi.

Sagat altyň ýary bolupdy. Norman bilen Jasper Gobson indi näçeräk ýüzendiklerinem, haýsy tarapa barýandyklarynam

kesgitläp bilenokdylar. Gämijik indi olara baş bermeýärdi, ol tolkunlaryň oýunjagyna öwrülipdi.

Şol pursat hem gaýygyň ýüz fut töweregi yzyndan gerşi ak köpük bolup duran ägirt uly gom göterildi. Suw onuň öň ýüzünde aşak çöküp, düýpsüz çuňňuly emele getirýärdi. Onuň öňünde emele gelen ýelgini kiçiräk tolkunlary ýom-ýok edýärdi. Bu gitdigiçe çuňalýan, lummurdap duran boşlugyň suwam gara ýaly bolup görünýärdi. Bu düýpsüz boşluk gämijigi öz demine dartýardy, gaýyk barha aşak düşýärdi. Uly gom golaýyndaky tolkunlary hem özüne düýrläp, gitdigiçe golaýlaýardy. Ol indi gaýygyň yzyndan ýetip gelýärdi, onuň bolup gelşi gaýygy dyr-pytrak ederlidi. Norman yzyna gaňrylyp üstlerinden inäýjek bolup duran goma howatyr bilen seretdi. Jasper Gobson bilen missis Barnet hem gözlerini petredip, onuň öz üstlerinden inerine garaşýardylar, çünki ondan gaçyp gutulmak mümkin däldi!

Ol görlüp-eşidilmedik güýç bilen güwläp olaryň üstünden indi, şaglap gaýygy içine dolap aldy. Gämijik erbet silkindi. Bu ägirt uly gomuň astyna düşen leýtenantam, onuň ýoldaşam özlerinden biygtyýar jynssyz gygyrdylar. Olar gaýyk kölüň düýbüne gidendir öýtdüler.

Ýöne her niçigem bolsa, gaýyk aşak çümmän suwuň ýüzünde saklandy, onuň içi tas erňegine çenli suwdan dolupdy… goja deňizçi bolsa gözden sumat bolupdy!

– Norman! – diýip, leýtenant allaniçigsi bolup gygyrdy.

Missis Barnet hem daş-töweregine garanjaklady.

Jasper Gobson gaýygyň boş duran yzky bölegine ümledi.

– Wah-wah, görgüli – diýip, syýahatçy zenan pyşyrdady.

Olaryň ikisi hem suwa ýykylmakdan heder etmän, tolkunlaryň arasynda urunýan gaýygyň üstünde ör-boýuna galdylar. Ýöne hiç zat olaryň gözüne ilmedi. Köpürjikläp duran tolkunlaryň arasynda görgüliň göwresi görünmeýärdi… Goja deňizçi

tolkunlaryň arasynda bakyýete göç eýläpdi.

Missis Barnet bilen Jasper Gobson ýene-de sekiniň üstünde oturdylar. Indi olar ýalňyz galypdy, öz gamlaryny özleri iýmelidi. Ýöne leýtenantam, onuň ýanyndaky edermen syýahatçy zenanam gaýygy nähili dolandyrmalydygyny bilmeýärdiler, onuň üstesine hem bu agyr ýagdaýda köpügören deňizçi hem muny başarmandy. Tolkunlar gaýygy agaç bölejigi ýaly edip oýnaýardylar, dartylyp duran ýelkeniň ony nirä alyp barýandygy mälim däldi. Jasper Gobson tebigat bilen gurulýan bu darkaşa döz gelip bilermi?

Nädip dolandyrylmalydygy bilinmeýän horaşaja gaýykda tupana üstüni basdyran bedibagt syýahatçylaryň düşen ýagdaýy gaty aýylganççdy.

– Heläk bolýas! – diýip, leýtenant seslendi.

– Ýok, mister Gobson – diýip, garadangaýtmaz Polina Barnet jogap berdi. – Biz elimizden gelenini edeliň, galanyny Gudraty Güýçliniň özi oňarar.

Jasper Gobson özüne kyn ýolda ýoldaş bolmak üçin ykbalyň beren bu zenanynyň hakyky gadyr-gymmatyna şu ýerde düşündi.

Ilki bilen gaýyga juda agram salýan suwy susup aýyrmalydy. Tolkun gomunyň indiki gezek ony erňeklerine çenli pürepür doldurmagy, gaýygyň hem muňa döz gelip bilmän aşak çökmegi ahmaldy. Mundan başga-da, gaýygyň içindäki suw boşadylsa ol ýeňlejekdi hem-de tolkunlaryň üstünde aňsat saklanyp biljekdi, onuň abat galaýmagam ahmaldy. Şonuň üçinem Jasper Gobson bilen missis Barnet haýdan-haý suwy susmaga başladylar. Gaýygyň içindäki suw iki ýana çaýkanyp durdy, ol gaýygyň erňeklerine urlup ony gyşardyp, gark etse edäýmelidi. Bu iş ýeňil-ýelpaý iş däldi, çünki suw tolkunlary gaýygyň erňeginden zol-zol içine agýardy, şonuň üçin hem susagy dynuwsyz işletmelidi. Bu iş bilen, esasan, syýahatçy zenan meşgullandy, leýtenant bolsa destiň başyna geçip, gaýygy mümkin boldugyndan ýeliň ugruna saklamaga çytraşdy.

Öňki muşakgatlar az ýaly gije hem düşdi, dogry, bu giňişliklerde gije bary-ýogy birnäçe sagada çekýärdi, ýöne oňa derek has gözedürtme garaňky bolýardy. Ýere gaçaýjak bolup duran bulutlar duman bilen goşulyşyp, galyň perde boldy, onuň içinden hiç hili yş görünmeýärdi. Gaýygyň iki ädim gapdalyny hem saýgarar ýaly däldi, birden ol ýüzüp ýören buz harsaňyna urlaýsa dagy, şobada kül-owram boljakdy. Deňziň içinde ýüzüşip ýören buzlar öňüňden haçan çyksa çykaýmalydy, munuň ýaly tizlikde barýarkaň, üstesine hem şeýle garaňkylykda olaryň öňünden sowlup biljek gümanyň ýokdy.

– Mister Gobson, deste diýeniňizi etdirip bilýäňizmi? – diýip, sähelçe böwşeňlik bolanda missis Barnet sorady.

– Ýok, hanym, dest maňa boýun bolanok – diýip, leýtenant jogap berdi. – Maňlaýymyzda näme bolsa sypma ýok, hemme zada taýýar boluň.

– Maňlaýymyza näme ýazylan bolsa görübereris! – diýip, bu gaýratly zenan dogumly gürledi.

Edil şol pursat hem gulagyňy gapyp barýan güýçli şatyrdy eşidildi. Ýeliň zarbyna döz gelmän ýelken ýyrtyldy hem-de akja bulut ýaly uçup gitdi. Gaýyk badyna ýene bir azajyk öňe ýüzdi-de, soňam saklandy, tolkunlaryň arasynda şänigiň gabygy ýaly bolup, gaýmalap başlady. Jasper Gobson bilen missis Barnet işleriniň gaýdandygyna düşündiler. Olar sekiniň üstünden zyňlyp gidýärdiler, gämijigiň içinde ýykylyp-sürşüp, endam-janlarynda abat ýeri galmandy. Ýelkeniň ýerine çekdirip goýaýar ýaly, gaýygyň içinde ýeke bölek çadyram, gaýry bir zadam ýokdy. Aldygyna guýýan ýagyşdyr garyň astynda syýahatçy görgüliler biri-birini zordan saýgarýardylar. Tupanyň güwwüldisinden ýaňa olar öz seslerinem eşidenokdylar. Şeýdip ýene bir sagat töweregi geçdi. Olar peýmanalarynyň dolaryna her minut garaşýardylar, özlerini bu apatdan gutaryp biljek ýeke-täk Hudaýa sygynýardylar.

Çyrpynyp däli-porhan bolýan tolkunlaryň arasynda näçe wagt

elemtas bolup aýlanandyklaryny leýtenant Gobsonam, missis Polina Barnetem aýdyp bilmeseler gerek. Birdenem olaryň gaýygy erbet silkindi.

Gämijik ägirt uly buzdagy süsüpdi. Bu läheň buz böleginiň kert hem ýylmanak gyralaryndan ýapyşyp, üstüne çykaryn diýip asla pikir edesi iş ýokdy. Öňüni alyp bolmajak duýdansyz urgudan gaýygyň burny aşak çökdi, suw paglap onuň içine girdi.

– Gark bolýas! Gark bolýas! – diýip, Jasper Gobson aýylganç gygyrdy.

Dogrudanam, gaýyk çaltlyk bilen suwuň aşagyna çöküp başlady, suw eýýäm sekileriň üstüne ýetipdi.

– Hanym! Hanym! – diýip, leýtenant gygyrdy. – Men bärde… men sizi… men sizi taşlamaryn!

– Ýok, jenap Gobson! – Polina Barnet gygyryp jogap berdi. – Siz başyňyzy gutaryň… Meni alyp ýüzjek bolsaňyz, sizem heläk bolarsyňyz! Meni goýuň! Goýuň!

– Men hiç haçan sizi taşlamaryn! – diýip, leýtenant gygyrdy.

Ýöne ol bu sözleri aýdyp-aýtmanka ýene bir uly tolkun gelip, gämini suwuň aşagyna düýrledi, gämi dessine suwuň aşagyna çökdi.

Olaryň ikisi hem gämijigiň aşak gidende döreden girdabynyň içinde sumat boldular. Birnäçe wagtdan olar ýene suwuň ýüzüne çykdylar. Jasper Gobson bir eli bilen ýüzýärdi, beýleki eli bilenem öz ýoldaşyny saklaýardy. Ýöne möwç urýan tolkunlar bilen bu göreşiň uzaga çekmejekdigi görnüp durdy, ol öz halas etmekçi bolýan adamsy bilen birlikde heläk bolmalydy.

Birden onuň gulagyna haýsydyr bir geň sesler geldi. Bu harasatdan heder eden guşlaryň sesi däldi, bu adam sesidi, kimdir biri olary çagyrýardy. Jasper Gobson iň soňky güýjüni jemläp, suwuň ýüzüne çykdy hem-de çyrpynyp duran tolkunlara nazar aýlady.

Ol goýy ümürligiň içinde hiç zat görmedi. Ýöne ses ýene-de gaýtalandy, özem bu gezek golaýjakdan eşidildi. Bu tupanyň içinde olara kömege gelmäge ýürek eden bu garadangaýtmazlar kimkä? Ýöne olar kim bolanda-da, indi gijä galypdylar. Ezilen eşikleri oňa ine-gana hereketem etdirenokdy. Ol garamaňlaý zenan bilen özüni suwuň aşaklygyna çekýändigini duýdy, indi ol kellesinem suwuň ýokarsynda saklap bilenokdy.

Iň soňky gezek erbet gygyryp, Jasper Gobson ullakan tolkunyň astynda ýitip gitdi.

Ýöne oňa umydyny ýitirerden entek irdi. Harasada üstüni basdyran başga bir üç adam heläk bolýan gaýygy görüp, oňa kömege okdurylypdylar. Diňe bu adamlar möwç urýan däli tolkunlar bilen darkaş gurup biljekdi, şeýle gaý-tupana döz gelip biljek gaýyk diňe olarda bardy.

Ol adamlar kaýak diýlip atlandyrylýan gaýyklaryna özlerini pugta daňan eskimoslardy. Kaýak iki ujy ýokary galyp duran süýri gaýykdy. Ol örän ýeňil agaçdan taýýarlanýardy. Onuň daşyna nerpa ( Nerpa – düwlenler maşgalasyndan bolan süýdemdiriji jandar.) siňirleri bilen gaýym tikilen düwlen derisi syk edilip tutulandy. Kaýagyň üstüne hem düwlen derisi çekdirilendi, diňe ortasynda suw geçirmeýän deriden kürtekçe geýnen eskimoslaryň oturmagy üçin, tegelek deşik bardy. Deşigiň gyrasy hem eskimoslaryň biline pugta daňylýardy, şonuň üçin hem üstünde oturan adam gaýyk bilen bir bütewi bolýardy, onuň içine ýekeje damja suw hem syzmaýardy. Gaýyk şeýle ýeňil hem çeýe bolansoň, suw tolkunlarynyň üstünden aňsatlyk bilen ýüzüp, hiç haçan suwuň düýbüne çökmeýärdi, dogry, ol kämahal agdarylýardy, ýöne ýekeje gezek küregi suwa urup, ony aňsatlyk bilen dikläp bolýardy. Başga gaýyklar tupana döz gelip bilmän suw düýbüne çökseler-de, kaýak çökmän abat galýardy.

Bu üç eskimos leýtenantyň soňky gezek umydyny ýitirip gygyranyny eşitdiler hem-de aýny wagtynda kömege ýetişdiler. Agyzlaryna suw gidip demigen Jasper Gobson bilen missis Barnet kimdir biriniň gujurly eliniň özlerini suwuň düýbünden çekip

alýandygyny duýdular, ýöne olar gözedürtme ümürlikde öz halasgärlerini görüp bilmediler.

Eskimoslaryň birisi leýtenanta ýapyşyp, beýlekisi missis Barneti tutup, olary öz gaýyklarynda keseligine ýatyrdylar. Soňra olaryň üçüsi alty futluk küreklerini ezberlik bilen urup, öz kaýaklarynda köpürjikläp duran tolkunlaryň arasyndan ýüzüp gitdiler.

Ýene ýarym sagatdan heläkçilige sezewar bolanlar Konfidans fortunyň üç mil töweregi günortasynda emaý bilen çägesöw kenara çykaryldy.

Ýöne olaryň arasynda goja deňizçi ýokdy!

(Dowamy bar).

***Rusçadan terjime eden Gurbangeldi MÄMMETSÄHEDOW***